TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

professor A. Esenow

# “Ýaşaýyş we jemgiýetçilik jaýlaryň binagärligi”

**Hünär: “Binagär”**

**Aşgabat 2010**

## Bölüm 1. Ýaşaýyş jaýlary

Türkmenistanyň häzirkizaman keşbi türkmen milletiniň ruhy kuwwatyna, garaşsyz we bitarap döwletli, jebislenen we adalatly jemgyýeti döretmek hakyndaky taglymatynyň dabaralanýandygyna, ajaýyp ýeňişlere eýe bolýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Mukaddes Ruhnama ony döreden beýik ynsanyň synmaz erkini, belent ruhyny aýnada ýaly şöhlelendirýär. Türkmenleriň baş kitabynda: „Men gözellik ilki başda milletiň ruhunda döremelidir diýen pikire eýerýärin” diýilýär.

**Dersi okatmagyň maksady**: “Jaýlaryň binagärlik görnüşleri“ diýilende ol bu düşünjäni hemme taraplaýyn eňetmek talap edýär. Taryhy – medeni sepgitleri we olara degişli bolan kadalary birlikde göz öňünde tutup gelejekgi jaý görnüş modellerini hem düzmäge mümkinçilik döredýär. Şu esasda hem jaýlaryň görnüşleri diýilende muňa binagärlige degişli bolan konsrtuktiw – tehnologiki we kadalaşdyrmak bilimlerini içine alyp, olara degişli özbaşdak ulanylmak tarapyndan döredilen binalar şäherde gurulýan aýratyn – aýratyn kömpleneleri özüne alyp täze görnüşler geçirilýär.

**Dersi öwretmekligiň meseleleri:** Garaşsyz hem Baky Bitarap Türkmenistanda iň bir zerur iş diýip aýtsak ýalňyşmarys, sebäbi täze görnüşde salynjak jaýlaryň taslamalary milli we sosia - ykdysadyýet şertleride laýyk bolup ýene-de häzirki zaman binagärlik we şäher gurluşyk usullaryny öz içine almalydyr.

Jaýlaryň binagärlik görnüşleri diýlende ol bu düşünjäni hemme taraplaýyn eňetmek talap edýär. Taryhy medeni sepgidiň we olara degişli bolan kadalary birliginde göz öňünde tutup gelejekgi jaý görnüş modellerini hem düzmäge mümkinçilik döredýär. Şol esasda hem jaýlaryň görnüşleri diýlende binagärlige degişli bolan konstruktiw – tehnologiki we kadalaşdyrmak bilimlerni içine alyp, olara degişli özbaşdak ynanylmak tarapyndan döredilen binalar, şäherde gurulýan aýratyn-aýratyn kompleksleri hem özüne alyp täze topologiýalara geçilýär.

Bu mesele Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanda iň bir zerur iş diýip aýtsak ýaňlyşmarys, sebäbi täze durmuşy üçin salynjak jaýlaryň taslamalary milli we sosial – ykdysadiýet şertlerine laýyk boldy ýene-de häzirki zaman binagärlik we şäher gurluşyk usullaryny öz içine almalydyr.

- Tipologiýa degişli umumy düşünje. Taryhda, sungatda we binagärlikde bolan düşünjeleriň mazmuny.
- Binagärlikde tipologiýanyň üýtgemegi, onuň ewolýusion taýdan bolup geçen özgerişler.
- Adamzadyň medeniýetinde tipologiýanyň orny.

**Binagärlik tipologiýasynyň** manysy şeýle düşünjäni aňladýar – umumy binagärlige degişli bolan konstruktiw – tehnologik we kadalaşdyryşy jemleýji tipler, olar bilen baglanşykly bolan binagärligiň we şähergurluşykdaky obýektleriň hem-de kompleksleriň funksional ulanylylyşyny we ekspluatasion ýagdaýlaryna garaşly sepgitleri göz öňüne tutýar.

**Taryhda tipologiýa** köplenç eýýamy görkezýär, sungatda bolsa döredijilik işleriň görüşini (ýagny stillerini) duýdyrýar. Binagärlikde jaýlaryň tipleri we şäherleriň görnüşleri köp asyrlaryň dowamynda saklanyp, täze görnüşleriň döremegine köplenç sebäp bolýar.

Binagärligiň tipologiýasy aýdyşymyz ýaly köp wagtlap saklansada olar taryhy döwürlerde iýtýärler. Täze durmuş, täze düzgün, täze sosial tarapdan gerek bolan binalar, şolaryň guran şäherleri özbaşdak durmuşy jemleýär hem-de olar bilen sebäpli bolan täze binalar ýüze çykýar. Binagärlikde uly döredijilik iş görnüşe girýär.

Ewolýusion diýlende nähili hem täze bina gurma onuň esasynda öňki durmuşda ýüze çykan hem-de bina edilen ymaratlaryň birnäçe desgalary ulanylýar. Bu örän gymmat täze milli döredijilik işlerinde könäni ýatlap täze döwri gurmak.

Bu ýagdaýda iki zat öňe çykýar durnyklylyk we ýitmeler. Näme galar we näme ýiter.

Hünärmen taýynlamakda ugryň orny.

Binagärleri taýynlamakda "Ýaşaýyş jaýlary", "jemgyýetçilik jaýlary" düýpli orny tutýar, bilimde esasy talyplara usullary öwretmekden ybarat bolup her hili şähergurluşykda duş gelýän situasiýalary, taryhy töwerekleri hem-de medeni miraslary göz öňünde tutmak. Esasan hem binagärlere gerek – hususy döredijiligini duýdurmak, hünärmen tejribelerini ösdürmek. Ýerli binagärlik mekdebini düzmekde, ol tarapdan talyplaryň aňyna bir-näçe döredijilik ugurlary guýmak iň zerur, möhüm iş.

Ýyllyk taslamanyň:

Birinji bölüm:. Ýaşaýyş jaýlary ikinji bölümi: Jemgyýetçilik jaýlary.

## 1. Ýaşaýyş jaýlaryň klassifikasiýasy

Meýilleşdirilýän ýa-da ýaşaýyş jaýy, kiçi etraby, magistralara ýer bölnen ýa-da jaýlaryň toplumlary – ähli ýerde dynç alyş zolaklary, çagalar we sport meýdançalary, ulag duralgalary we beýleki gerekli elementler bilen doly üpjünçilik bolmaly.

Şu gün ekologiki meseleler hem örän ýiti durýarlar. Olaryň çözülşi tebigy howa maglumatlarynyň, husasanda şemallaryň ugrunyň we relýefiň häsiýetiniň, şeýle hem tebigy baýlyklara bolan goranylşynyň göz öňüne tutulmagy talap edýär. Diňe şeýle, seliteb zolaklaryň çäginde howa basseýiniň hapalanmagyny peseltmek ýa-da ähmiýetli mesele bolup durýar. Ýaşaýyş töwerekde adaty ekologiki ýagdaýyň döredilmeginiň netijesi serişdesi hökminde gurmak üçin dogry saýlanan usullar we ýaş jaýlaryň görnüşleri bolyp çykyş edýär.

Ýaş töweregi onuň ähli derejelerinde taslamasyny geçirip, ilatyň demokratiki gurluşyny durmuşyň we dynç alyş ugrunda adamlaryň talaplaryny aýdyň göz öňüne getirmak gerek bolýar. Adam tarapdan döredilen ýaş töwerek adama täsir edýändigi we adamyň ýaşaýşyny kesgitleýändigini ýatda saklamak gerek bolýar.

## Ýaşaýyş jaýlaryň görnüşleri

Ýaşaşaýyş jaýlaryň häzirki görnüşleri dürlüligi bilen tapawutlanýar we çuň taryhy köklerine eýe bolýar. Ol jaýy döretmekde adaty tejribäni we soňky ýyllaryň işlerini öz içine alýar. Ýaşaýyş jaýy binagärlik tejribäniň iň ösen ugry bolanlygy sebäpli, ýaşaýşy özgermegiň we ösdürmegiň hadysasy üznüksiz bolup geçýär.

“Ýaşaýyş jaýynyň görnüşi” düşünjesiniň özi eýe boldy. Bu ýaşaýyş jaýlaryň dürli görnüşli toparlara bölünmeginde öz beýanyny tapdy. Ýaş jaýlaryň görnüşlerini saýlamak üçin esas hökminde jaýlaryň dürli häsiýetleri bolup hyzmat edýärler. Ýöne jaýyň görnüşini kesgitlemekde iň durumly we ýaýran häsiýetleri hökminde aşakdakylar çykyş edýärler: gatlylygy, ýaşaýyş böleklere barmagyny üpjün edýän kommunikasiýalaryň görnüşleri we ýeriň derejesi bilen baglylygy (koridorlar, galareýalar, basgançaklar we liftiler).

Bu ýerden jaýlaryň umumy görnüşleri boýunça bölünilşi döreýär. Ol shema görnüşinde 3-nji suratda berlen. Gatlylygy barada aýdylanda onda iki uly topary saýlaýarlar: liftsiz (1-5 gatly) we liftli (6-16) gatly we ýokary) ýaşaýyş jaýlar. Bu iri toparlaryň içinde, basgançaklaryň gurluşy, liftleriň sany we beýleki häsiýetnamalar bilen tapawutlanýar.

Jaýdan daşarky kommunikasiýalaryň görnüşine baglylykda ýaşaýyş jaýlar howluly (1-2 gatly) we baglanan (1-4 gatly) seksiýaly, koridorly, galareýaly we dürli gatly garyşyk gurluşly (3-5, 6-9, 9-16 we ýokary) görnüşlere bölünýärler.

Gatlar boýunça kabul edilen bölünişik tötän däl. Ol ýaşaýyş şertleri göz öňüne tutup jaýlaryň agzalan toparlarynyň her birinde amatly boljak gatlaryň sanyny kesgitleýär. Husussanda 2 gatdan ýokary bolan howluly jaý niýetlenişi

boýnça amatsyz bolýar, onuň gurluş esasy bolsa başga görnüşli jaýlaryndan ähmiýeti tapawutlanýar. Eger-de gatlaryň sany jaýda 5 uly bolsa, onda liftler gerek bolýarlar: 9 gata çenli – biri: 10-16 çenli iki.

Toparlaryň çäkleri şeýle hem jaýdan daşky merdiwanlar belgilenen görnüşine bagly bolýarlar: 9 gatdan ýokary bolan jaýlarda merdiwanlar tüsselemýän bolmaly. 16 gatdan ýokary bolan jaýlara durumlylygy we berkligi boýunça goşmaça gurluş talaplary bildirýärler.

Ýurduň tejribesinde ykdysady alamatlaryň täsirinde her bir toparyň gatlylygynyň ýokary çägi göz öňüne tutulýar, şeýle liftsiz jaýlaryň toparynda ortagatly jaýlarda 5-gatlylar öňde bolýarlar düzgünler boýunça rugsat berilýän ýöne kän bir amatsyz. Liftli jaýlaryň 1-nji toparynda (köpgatly 6-9) köp ýaýran 9 gatlylar, sebäbi olarda lift maksimal ulanylýar we ş.m.

Daşary ýurtda bular ýaly ugurlar ullanmaýarlar, şonuň üçin ýaşaýyş jaýyň gurulmanyň gatlylygy has dürli bolýar.

Her bir ýaşaýyş jaýy birnäçe alamatlara eýe bolýar, bular dürli gatnaşyklarda duş gelip bilýärler. Görkezilen alamatlara ýene-de göwrüm meýilleşdirme çözülişiň aýratynyklary, belli bir ulgama degişliligi goşulyp bilerler. Has anyk bu soraglara aýratyn bölümlerde seredeliň.

Seksiýaly öý üçin merdiwanlar daşynda birnäçe öýleriň birleşmegi bolýar. Şolar ýaly düwüniň esasynda döreýän göwrüm – meýilleşdirme elementi seksiýa diýip atlandyrylýar. Birnäçe seksiýalryň birleşmeginde köpseksiýaly jaý bolýar. Onuň bilen birlikde gurluşykda ýene-de bir seksiýaly (nokatly ýa minara görnüşli) aýlar hem ulanylýar.

Seksiýa görnüşli ýaşaýyş jaýlar, meýilleşdirme gurluşlara, gowy tehniki-ykdysady görkezijilere laýyklykda iň ýaýran bolýarlar.

Koridorly jaýlarda öýlere koridorlaryň üsti bilen baryp bolýar. Ol merdiwanlara we liftlere eltýär. Koridoryň ugrundaky jaýlaryň sany dürli bolup biler, onuň üçin merdiwanlaryň arasynda diňe normatiw aralyklary göz öňünde tutmak gerek. Şolar ýaly jaýlaryň gatlylygy dürli bolup biler (3-den we ondan ýokary).

Koridorly jaý şäherlerde senagat önümçiligiň ýaýran döwründe ähmiýetli boldy, haçanda işçiler üçin köpsanly arzan jaýlar gurup başladylar. Hakykatda, koridoryň gatlaryň ýerleşmeginde ähli jaýlar birugurly bolýarlar, howany bir tarap ýelejiredip bolýar.

Soňra koridory öý özgerildi, hususanda Le Korbýuzýeniň taslamalarynda, ol jaýlary iki derejede gurmagyň we koridorlary bir gatdan ýerleşdirmegiň pikirini ösdürdi. Ýöne koridorly öýler giňden ýaýramady.

Koridor ulgamly myhmanhanarda we umumy ýaşaýyş jaýlarynda esasy bolýar. Galereýaly öý kommunikasiýasy gurluşy boýunça koridora meňzeş.

Olaryň tapawudy – galereýa jaýyň uzyn daş tarapynda ýerleşýär, açyk we hakyky ýagtylyga eýe bolýar. Galereýanyň üsti bilen öýleryň howa çalşygyny üpjün etmek bolýar.

Galereýaly öýüň ýetmezçiligi – binanyň ini we onyň ýylylyk – tehniki häsiýetini peseldýär. Onuň bilen baglylykda şonuň ýaýramagynyň esasy zolagy hökminde ýyly howaly jaýlar bolup çykyş edýärler.

Jaý gurluşygynda kommunikasiýa üpjünçiligiň garyşyk görnüşlerini ulanýarlar, bu koridor – seksiýaly, galereýa – seksiýaly we beýleki ulgamlaryň döremegine getirýär.

Howluly görnüşdäki jaý oba ýerlerinde we kiçi şäherlerde gurmaga niýetlenen. Oňa bolan girelge ýeriň derejesinden gurnalýar, bu ýer bölegi bilen hojalyk jaýlaryň arasyndaky gerekli baglanşygy üpjün edýär. Ýer böleginiň ululygy 600-1200m² ol bir maşgala tarapyndan ösen hojalygy ýöretmek üçin niýetlenen.

Baglanan öýde her bir jaý, öňki ýagdaýdaky ýaly, ýeriň derejesinden aýratyn girelge eýe bolýar. Howluly öýden tapawutlylykda baglanan öý 4 gata çenli özünde jemläp biler, eger-de onda bir-biriniň üstünde ýerleşen iki derejeli jaýlar ýerleşýän bolsalar. Ýokary jaýalara girelge daşky basgançaklar bilen üpjün edilýär. 150-200 m² çenli jaýlaryň ýanyndaky bölekleriň kiçelmegi bilen dykyzlygyna eýe bolýarlar we şäher gurluşygyna degişli bolýarlar.

Köpwezipeli ýaşaýyş jaýlar üçin başga niýetdäki jaýlaryň girizilmegi ýa-da goşmaça gurulmagy häsiýetli bolýar. Şolar ýaly görnüşli jaýlar dürli gatly jaýy şäher we oba gurulmda birnäçe taryhy meňzeşliklere eýe bolýar. Gadymdan biziň wagtymyza çenli jaý etdi, onda 1-nji gatyny şonda jaýy tutýar. Bu baglaşdyrmak usuly orta asyrlarda we ondan soň ulanýardy. XIX asyrda dukanlar üçin köpgatly ýaşaýyş jaýlaryň birinji gatlary berilip başladylar. Ýaşaýyş jaýlar bilen ýana-de ussahanalary restoranlary we başga iýmit kärhalary birleşdirýärdiler.

Häzirkizaman şäher gurulmasynda bir jaýyň içinde ýaş jaýyň jemgyýetçilik edaralary bilen dürli birleşmelere duşmak bolýar. Köpwezipeli jaýlaryň meýilleşdirme gurluşy dürli boldy. Hyzmat edilşi şeýle hem köpwezipeli ýaşaýyş toplumlar taslanylýarlar we gurulýarlar.

Ýöriteleşdirilen jaý öz niýetnilşi boýunça dürli bolýar. Muňa degişli bolýarlar ýaşy ulular üçin jaýlar, ol ýerde durmuş we lukmançylyk hyzmatynyň gurluşy ösen bolýar: wagtlaýyn ýaşaýyş üçin jaý; internatlar. Soňky ýyllarda ýaş maşgalalar üçin niýetlenen köpçilikleýin jaýyň täze görnüşi hem bellenildi.

Ýörite jaýyň taslamasy degişli düzgünlere görä ýerine ýetirilýär.

Netijede bellemek bolýar, şu gün şäher we oba jaýy bilen gurnamak we amatlyklar boýunça tapawut ýitip gidýär. Ýöne gurulma jaýlaryň dürli görnüşleri bolup ýöredilýär. Obada jaýyň görnüşleri bilen hususy howluly öý çykyş edýär. Şäherlerde jaýlaryň dürli görnüşlerini dikeldýärler, howlulardan başga, bular öz manysyny kiçi ilatly ýerlerde galdyrýarlar.

## Ýaşaýyş guramaň görnüşleri

Ýaşaýyş gurulma dürli tebigy – howa we şähergurluşygyň şertlerinde taslanylýar we amala aşyrylýar we bu hem onuň giňişlik guramaçylygynda ýüze çykýar. Gurulmanyň birnäçe esasy görnüşleri saýlamak bolýar, bular döreýän

giňişlikleriň häsiýeti we meýilnama suraty boýunça saýlamak bolýar. Olar dürli ilatly ýerler üçin taslama tejribesinde duş gelýärler iri şäherden oba çenli.

Perimetrli gurulma dürli görnüşdäki uzaldylan ýaşaýyş jaýlardan düzülýär: köpseksiýaly, koridorly, galereýaly, baglanan. Onuň üçin jaýlaryň toparynda howluly giňişligiň döremegi häsiýetli bolýar. Howlynyň minimal ölçeglerini jaýlaryň arasyndaky göz öňüne tutlmagy bilen belleýärler (SNI,P 2:07.01-89). Ýöne perimetri gurluş ähmiýetli ölçegdäki ýer bölegini hem öz içine alyp biler.

Perimetrli gurluşyň öňýanyndaky ädimi – adaty şäher kwartaly, ol ähli taryhy şäherleriň meýilleşdirme gurluşyny kesgitleýä XIX – XX asyryň ahyrynda we ondan soň kwartal meýilleşdirilşi we onuň bilen döreýän köçeleriň tutuş frontal gurulmasy (köçeler – koridorlar) täze şähergurluşyk ugurlarda gödek gürrüňlere eýe boldular. Ýöne 70-nji ýyllarda ýaşaýyş kwartal, taryhy meňzeşliklerden has erkin, awadanlaşdyrylan, şähergurluşyk meýilnamalaryň elementi boldy. Adaty köçe hem ýene dikeldilýär.

Hatarlaýyn gurulma täze gurluşyk kwartallaryna täzelik hökmünde döredi we uzak wagtlap häzirkizaman şähergurluşygyň nyşany boldy, onuň düzgünleri.

Sowet şäherinde ol 20-nji ýyllardan ýaýrady we şu wagta çenli ulanylýar. Hatarlaýyn gurulma perimetrli gurulmadan tapawutlylykda howa çalşygy üçin açyk, gök ekilmeler bilen abadanlaşdyrylan. Ýöne jaýlaryň esasy köçelere burçy bilen ýerleşýändigi sebäpli, ulag şertlerden ýerleriň goranylyşy ýeterlik bolmaýar. Hatarlaýyn gurulmanyň köpçilikleýin ulanylmagy şäherleriň hususy görkiniň ýitirenliginiň bir sebäbi boldy. Häzirki wagtda hatarlaýyn gurulma ähmiýetli dykyzlanýar, has ýapyk meýilleşdirme döremelere özgerýär. Onuň döremeginde, öňki ýagdaýdaky ýaly dürli görnüşli jaýlar gatnaşýarlar.

Toparlaýyn gurulma ýurdyň tejribesinde 70-nji ýyllarda döredi, kiçi etraply ýerleriň irilenen döwründe, haçanda perimetrli gurulma gerekli dykyzlygy berip bilmeýän döwründe. Şol usulda uzaldylan ýaş jaýlar dürli geometriki şekiller görnüşinde toparlanýarlar, dürli görnüşli we çuňlukly howlulary döredýärler. Bular ýaly toparlar, meňzeş ýa-da bir-birinden tapawutlanýan, kiçi etraplaryň gyzyl çyzyklary boýunça çykyş edýärler.

“Torly” gurulma dürli nagyşdaky geometriki torunda jemlenýär (gönüburçly, üçburçly, köpburçly). Onuň döremegi üçin dürli görnüşdäki köp öýli ýaşaýyş jaýlary ulanylýarlar. Içki howlular jaýlaryň topary üçin rekreasiýa hökminde çykyş etdiler.

“Haly ýaly” gurnama içki howluly 1-2 gatly blok-jaýlar dogry geometriki görnüşde eýe bolanda (mysal üçin “Tor” şekkilli blok-jaýlar) “halyly” gurnama “toryny” aňladýar.

Ýöne “halyly” gurulma öz ähmiýetli alamatyny galdyrýar-içki howly bir öýe degişli bolýar. Tejribede çylşyrymly blok –jaýlaryň ulanylşynyň birnäçe mysallaryny tapmak bolýar, bu planyň şekilini berk geometriklikden boşadýar we oňa has köp erkinligi we nepisligi berýär.

Görnüşi boýunça tapawutlanýan gurulmanyň görnüşleri şulardan ybarat.





















## 2. Ýaşaýyş jaý taslamasynyň esaslary

Ýaşaýyş jaý – öý (aýratyn hususy jaý) – ýaşaýyş töwerek. Olar hakda gysgaça düşündiriş. Ýaşaýyş jaýlarynyň taslamasyny düzmäge degişli bolan sebäpler (faktorlar): Sosial tarapdan bolan talaplar; halkyň demografiýasy we jaýlaryň tipleri; tebigy klimat şertleri we olaryň binagärlik – meilleşdiriş usullaryna täsirleri; şähergurluşyk ýagdaýlary we jaýlaryň etažlaryny subut etme; ýaşaýyş jaýlary inžener desgalary bilen üpjün etmek; yksadiýet talaplar; ýaşaýyş jaý estetikasy.

Ýaşaýyş jaýlaryň esasy bölekleri we olaryň kadalary. Umumy meýilleşdiriş teklipler: Jaýlary ýelejiretmek; açyk (ýarymaçyk) eýwanly jaýlar; howlyly jaýlar; gün şöhle ýagtylygyny ullanma, olardan gorama ýagdaýlary we kadalary.

Otaglaryň klassifikasiýalary, bir deňlikde, ýa-da iki gat kwartiraly jaýlar.

Binagärlik döredijiliginde bilim we ylym adamyň durmuş töweregini gurnamakda, ýurdumyzyň görkäni şekillendirmede, durnukly medeni we maddy miraslary düzmekde iň wajyp esasdyr. Bu pikir Ruhnamada beýan edilýär, ýagny: “Ruh adamyň kellesinde mesgen tutanda, ylym we dünýägaraýyş; ruh adamyň ýüreginde ornaşanda bolsa, sungat kemala gelýär”. Bu düýüpli düşünjeler binagärlik bilimiň we ylymyň maýasy hökmünde talyplara - gelejekki binagärlere öwredilmelidir we esasy talaplar hökminde okuw kämilligine girizilmelidir. Milli duýgylary talyplara guýmak üçin: Türkmenistanyň taryhyny, milli mirasyny, sungatyny, gurluşyk däp-dessurlaryny we dünýä binagärligiň häzirki zaman ugurlaryna nukdaýnazar salmany.

Ruhnamada milli binagärlik mekdebini guramagada ugur görkezýär. “Adamyň esasy synasy-göwresi, ýüregi hem akylydyr. Göwresi-maddy medeniýeti; ýüregi, dili, sazy; akyly bolsa-milletiň pelsepesidir hem aňyýetidir”. Bu düýpli düşünjeler binagärlik taslamasynyň esaslary bolýarlar. Maddy medeniýeti, şekillendiriş medeniýeti we ruhy medeniýeti.

**Maddy medeniýeti** adamlaryň tebigat, ýaşaýan tebigi ginişligi bilen arabaglanyşygynyň täsin aýratynlyklaryny aňladýar. Ýagny Türkmenistanyň tebigi landşaftlary, klimaty, ekologiki şertleri gurluşyk däp-dessurlarynyň sebäpleri bolup milli-medeni miraslar döredilipdir. Binagärlik kafedranyň talyplary Türkmenistanyň binagärlik klimatologyýasyny, ekologiýasyny taslamada doly ulanmany bilmelidirler we öwrenmelidirler Binagärlik biliminiň özeni: Türkmen hemişe tebigatyň goýnunda, öz ruhy hem maddy medeniýetiniň jümmüşinde ýaşapdyr Milletimiz öz ýaşaýşyny tebigata garşylyk görkezmek, onyň garşysyna çykmak usulynda däl-de, tebigat bilen sazlaşyk esasynda gurnapdyr” .

**Şekillendiriş medeniýetinde** binagärlik iň uly şaha we oňa elmydama ýokary dereje hökmünde garalypdyr. Biziň dünýä belli miraslarymyza çeperçilikde, hemme taraplaýyn sazlaşyklylygyna, geometriki usullarynda, şähergurluşyk kompozisiýasynda bellenilýär. Olary düýpli bilmek, öwrenmek talyplaryň esasy borjydyr.

**Binagärlik sungaty** çylşyrymly kär hem-de hünärmenleri taýynlamak üçin köp wagty talap edýär. Talyplara hünärmen usullaryny öwretmek we görkezmek,

binalaryň esasy görnüşlerinden taslama işlerini geçirmek; şähergurluşyk – meýilnamalaşdyryş işleriniň esaslary, abadançylyk we inženerçilik infrastrukturalaryny aňlamak; binagärligiň we şähergurluşygyň taryhyny we nazaryýetini bilmek we köp-köp başgalar. Binagärlik – adamyň dünýäsi, öýi görnüşi, onyň ýaşaýyşy, işi, hasiýeti, ýurdyň ýüzi, hem-de keşbi.

Eger-de lukmançylyk adamyň süňňüni bejerýän bolsa, binagärçilik-milletiň ruhyny, onuň durmuş guramasyny, görküni, guwanjyny, kuwwatyny, buýsanmasyny döredýän sungatdyr.

-Ýaşaýyş jaýlaryň görnüşleri

-Ýaşaýyş jaý toplumlarynyň gurnalyşy

- Binagärlik taýdan kompozision çözgütleri

Taslama usullary: taslamadan öňki geçirmeli subutlar. Taslamalara kompleksleýin garaýyş. Kompýuteri ulanma okuw eksperemental taslamalar .

Öý we onuň bölekleri (elementleri). Umumy teklipler. Öý esasy otaglarynyň funksional – giňişlikleriniň zonalary. Öýleriň tipleri we olaryň ýaşaýyş jaý tipi bilen bolan funksional – meýilleşdiriş sepleşiklikleri. Öýleriň binagärlik – giňişlik düzümi, edil irki görnüşiň esasy.

**Mellekli jaýlar** we olaryň meýilleşdiriş usullary, kadalary. Köp blokly jaýlar. Mellek ýeriň meýilnamasy we onda goýulýan gurulma.

**Köp öýli liftsiz jaýlar.** Seksiýaly jaýlar, koridorly we galereýaly jaýlar. Şähergurluşyk, sosial we demografiki şertleri. Ýaşaýyş töweregiň ekologiýasy. Güneşleme, insolýasiýa ýelejireme we otagl pis sesden gorama. Merdiwanly liftli bölek we olary ýangyndan gorama düzgünleri. Köp gatly jaýlaryň tipleri – köp seksiýaly, bir seksiýaly, koridorly we koridorly – seksiýaly jaýlar. Galereýaly jaýlar.

**Köp funksiýaly jaýlar.**

**Köpgatly jaýlaryň binagärligi.** Tipologiýa aýratynlyklary elmydama jaýyň funksional strukturasy bilen sepleşiklidir. Konstruksiýa we binagärlik kompozisiýasynyň aýratynlyklary. Dekoratiw bezeg tärleri we serişdeleri.

**Köp funksiýaly ýaşaýyş kompleksler.** Sosial tarapdan döreýän şertler we köp funksiýaly kompleksleriň emele gelmegi. Açyk sistemaly kompleksler “Ýapyk” we “Ýarymýapykly” kompleksleriň hyzmat ulgamlary.

## Ýaşaýyş töweregi taslama obýekti hökmünde

Real we gelejekki taslamada, nazaryýetde we gurluşykda bu düşünjeleri tassyklamak ýaşaýyş jaýyň iň täze taryhynyň döremeginiň özboluşly aýratynlygydyr. Baryp 1920-nji ýyllarda-da binagärleriň köpüsi ýaşaýyş jaý taslamasynyň çäklerini mebel we abzallary görkezmeklige çenli giňeltmäge çalyşypdyrlar. Şol we ondan giçki döwrüň birnäçe taslamalaryndan belli bolşy ýaly ýaşaýyş jaýynda we çäklerinden daşarda durmuş hojalyk hyzmatlary, şahsy (maşgala) we jemgiýetçilik döredijiliginiň zonalary görkezilipdir. Şähergurluşyk aspektinde hem ýaşaýyş jaý meselesi has giň düşünjä eýe bolýar. 1960-1970-nji

ýyllarda bolsa, bu ulgamyň takyk aňlatmasy bolan ýaşaýyş töwerek düşünjesi giň gerime eýe bolýar.

Ýaşaýyş töweregi taslanylanda ol ýeriň ilatynyň durmuş aýratynlyklaryny, adamlaryň hojalyk we gündelik hajatlaryny doly hem takyk göz öňünde tutmak zerurdyr. Adam tarapyndan döredilen ýaşaýyş töweregiň özi adama täsir edýändigini we köp babatda onuň durmuş aýratynlyklaryny anyklanýandygyny ýatda saklamak gerek.

## Ýaşaýyş jaýlaryň tipologiki esasy

Häzirki zaman ýaşaýyş jaý tipologiýasy dürli görnüşliligi bilen hem-de taryhy kökleriň çuňlygy bilen tapawutlanýar. Ol ýaşaýyş jaýy döretmekde däp bolup gelýän tejribäni we soňky ýyllarda edilen işleri öz içine alýar. Binagärlik tejribesinde ýaşaýyş jaý gurluşygy iň bir ösýän ugurlaryň biri bolany sebäpli ýaşaýyş jaýy üznüksiz kämilleşýär we görnüşi özgerýär. “Ýaşaýyş jaýynyň görnüşi” düşünjesi giň mana eýe boldy. Jaýyň görnüşi onuň gat sanyna, ýaşaýyş öýjügine barmagy üpjün edýän kommunikasiýanyň görnüşine, ýer derejesi bilen baglylygyna (koridorlar, galereýalar hem-de basgançaklar, liftler) laýyklykda kesgitlenilýär.

Gat sanyna degişlilikde iki sany uly topara bölünýär: liftsyz (6-16 gatly we ondan hem ýokary) ýaşaýyş jaýlary.

Öýden daşary kommunikasiýalaryň görnüşine görä dar mellekli (bir, iki gatly), sepleşikli (blokirowannyýe; bir, dört gatly), seksion koridor, galereýa we dürli gatly gataşyk strukturaly ýaşaýyş jaýlaryna bölünýär.

**Seksion jaýlaryna her** gatda merdiwanyň daşynda (3-5 gatly) ýa-da lift düwünininiň daşynda (5 gatdan ýokary) birnäçe öýleriň ýerleşmegi häsiýetlidir. Birnäçe seksiýalaryň birikmegi netijesinde köp seksiýaly jaý emele gelýär.

**Köridor görnüşlli jaýlarda** öýlere barmaklyk basgançaga ýa-da liftde eltýän koridorlar arkaly üpjün edilýär (3 we ondan köp gatly). Koridoryň ugryndaky öýleriň sany dürli bolmagy mümkin, emma basgançaklaryň arasyndaky daşlygy normatiwlere laýyklykda saklamak zerur.

Myhmanhanalarda we umumy ýaşaýyş jaýlarynda meýilnamalaşdyrylşyň koridor ulgamy esasy ulgam bolup durýar.

**Galereýa görnüşli jaý** kommunikasiýa strukturasy boýunça koridor görnüşlä meňzeş. Olaryň tapawudy, galereýa jaýyň uzynlygyna ýerleşip ol ýerden tebigy ýagtylyk düşýär. Olar esasan maýyl klimatly ýerlerde ulanylýar.

**Mellekli jaýlar** obalaryň we şäherçeleriň gurluşygynda ulanylýar. Onuň girelgesi ýeriň derejesinde gurnalýar, bu bolsa howly bilen we howlyda ýerleşýän hojalyk jaýlary bilen baglanşygy üpjün edýär.

**Sepleşikli jaýlaryň** girelgesi hem mellekli jaýlardaky ýaly ýer derejesinde. Mellekli jaýlardan tapawutlylykda olar dört gata çenli bolup bilýärler, ýokary gatlara barmak üçin daşyndan basgançak goýulan. Sepleşikli jaýlaryň syklygynyň ýokary bolmagy olary şähergurluşygynda hem ulanmaklyga mümkinçilik berýär.

**Köp funksiýaly ýaşaýyş jaýlaryna** ýaşaýyş gatlary bilen başga edaralaryň sazlaşygy häsiýetlidir. Bu jaýlaryň gat sany islendik bolup biler.

Häzirki zaman şähergurluşygynda bir jaýyň strukturasynda ýaşaýyş jaýynyň we jemgiýetçilik jaýynyň islendik sazlaşygyna duş gelmek bolýar.

**Ýöriteleşdirlen jaýlar** öz niýetlenen ýerleri boýunça dürli-dürli bolýarlar. Bulara hojalyk we medesina strukturasy ösen garrylar öýi, wagytlaýyn ýaşaýyş jaýlary (umumy ýaşaýyş jaýy myhmanhana görnüşdäki jaýlar), internatlar degişli.

Ýöriteleşdirlen jaýlaryň taslamasy ýörite normalar we düzgünler bilen alyp barylýar.

## Ýaşaýyş töweregi gurnama

Ýaşaýyş töweregiň taslamasy dürli tebigy-klimatiki we şähergurluşyk şertlerinde ýerine ýetirilýär. Döredýän giňişliginiň we meýilnamasynyň görnüşiniň häsiýetine görä ýaşaýyş töweregiň birnäçe görnüşleri bar.

**Perimetral gurnama** – islendik görnüşli jaýlaryň uzynlygyna ýerleşdirilmegi: köp sepleşikli jaýlar. Ýapyk ýa-da bir bölegi açyk howlynyň bolmagy oňa mahsus bolan häsiýetidir.

**Setirleýin gurluşyk** köp wagtyň dowamynda döwrebap şähergurluşygyň simwoly hasaplandy. Setirleýin gurluşygyň perimetral gurluşykdan tapawudy, ol ýeriň territoriýasy aerasiýa üçin açyk bolýar we ekinleri köp bolýar. Onuň gurluşy hem dürli görnüşli jaýlardan düzülip biler.

**Toparlaýyn gurluşyk** 70-nji ýyllarda, mikroraýonlaryň territoriýasynyň ulaldylýan döwründe döreýär. Sebäbi perimetral gurluşyk gerek bolan syklygy üpjün edip bilmeýär. Bu usulda ýaşaýyş jaýlary topar-topar bolup, dürli geometriki şekilleri emele getirýär. Esasan bir seksiýaly köp gatly jaýlar ulanylýar.

**Tor görnüşli gurnama** dürli şekilli geometriki toruň üstünde ýerleşdirilýär (gönüburçly, üçburçly, köp burçly). Olaryň gurluşy üçin birden dört gata çenli bolan ýaşaýyş jaýlar ulanylýar. Olar sepleşikli, seksion, koridor, galereýa ýa-da garyşyk görnüşli bolup bilerler.

**Haly görnüşli gurnama** içki howluly bir-iki gatly sepleşik öýlerden düzülen. Sepleşikli öýler dogry geometriki formada bolsalar (meselem g), onda haly görnüşli gurluşyk tor görnüşli gurluşygy ýa-da salýar.

Emma haly görnüşli gurluşyk mydama özüne mahsus bolan häsiýetini saklaýar – içki howly diňe bir öýe degişli.


3 ЭТАЖ
4 ЭТАЖ
2 ЭТАЖ
1 ЭТАЖ
4000
М. КВАРТИРЫ
М. ФАСАДА
М. ПЛАНОВ ДОМА И РАЗРЕЗА

Ö




**Ýapgytda jaý gurma usullary**

## Ýaşaýyş jaýlaryň taslamasyna täsir edýän faktorlar

-Ýaşaýyş jaýa sosial teklipler.
-Ilatyň demografiýasy.
-Tebigi-klimat we estetika şertleri.

Ýaşaýyş jaýlaryň umumy sosial funksiýalary: ýaşaýanlaryň saglygyny saklama (sanitar-gigiýena şertleri), maşgalalary berkitme (otaglaryň meýilnamalarynda dörediljek şertler), maşgalanyň ösmegine tekkeleme (maşgala çaga sany, maşgala görnüşleri we başgalar), işden daşky wagtlary gurama ussatçylygy ösdürme (öýde her dürli işler bilen meşgullanma), çagalary terbiýelemek, dynç almak üçin şertler.

Ýaşaýyş jaý standarty-ýaşaýyş jaý bilen üpjünleýji normalary- bir adama gelýan iňedördül metr ($m^2$) : 1980-nji ýyllarda- 9$m^2$ ýaşaýyş jaýyň meýdany; 1991ý. soň – 1 adama umumy meýdanyň möçberi-25$m^2$ .

Ilatyň demografiýasy.

Maşgala sany (şäherde)
tablisa

| Maşgala sany, adam | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 we uly | bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Umumy maşgalalar jeminiň sanynda, göterim (%) | 8 | 18 | 25 | 30 | 14 | 5 | |

Halkyň demografiki sanlary şäherde we oba ýerlerinde tapawutly, şonuň üçin hem ýaşaýyş jaýlaryň taslamasy biri-birinden köp aýratynlyklydyr.

## Ýaşaýyş jaýlaryň estetikasy

Bu örän çylşyrymly mesele, sebäbi binagärlik guramaly töwerek adamyň emosiýasyna, aňyna we hereketine täsir edýär. Ýene-de estetiki täsirler- şahsyýetiň sosial taraplarynyň ösmeginde iň möhüm şertleriň esaslarynyň biri bolup, ony-da binagärlik ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň häzirki zaman binagärçiliginde her bir jaýlaryň meýilnamasy, olaryň öň görnüşleri milli durmuşy häsiýetlendirmelidir, ýerli ruha uýmaly we sypatlandyrmaly hem-de özbaşdaklyk duýgylaryny döretmek iň wajyp mesele. Jaýlaryň binagärlik görkinde – bu türkmen binasy diýmek pikiri döretmek – gelejekki binagärlere şu günden guýup başlamaly. Binagärlik bölekler, bezegçilik nagyşlar (nagyşbent işleri), biziň köneden gelýan miraslaryzdan hem ugur alyp, olary edil genetiki kodlar hökmünde öwrenmeli hem-de ulanmaly.

Türkmenistanyň ýaşaýyş jaýlarynda elmydama gadymy milli we taryhy düýpleriň barlygyny biziň myraslarymyz we halkymyzyň her dürli künjeklerinde döreden ýaşaýyş jaýlary nusga bolup biler. Ol nusgalary täze ýaşaýyş jaý taslamalaryny düzülende häzirki zaman şertleri bilen birlikde ulanylmalydyr.

## Tebigy klimat we şäher şertleri

Ýaşaýyş jaý diýilende häzirki zamanda taslama düzülende ýaşaýyş töwerek göz öňünde tutulýar. Şol sebäpli ýaşaýyş jaý taslamasyny işläp çykarmakda ýerli klimatyň we gadymdan gelýän gurluşykda bolan däp-dessurlaryň usullaryny ulanmak iň bir möhüm teklip diýip hasaplanýar. Türkmenistanda taryhy-medeni zolaklary, ýagny oazisler (günorta we demirgazyk), Garagum çöli we daglyk ýerleri binagärlikde özbaşdak aýratynlyklarynyň barlygyny göz öňünde tutmalydyr.

Ýaşaýyş jaý taslamasyna esasy tipologiki teklipler: her bir öýde eýwan bolmaly, otaglar iki taraplaýyn ýelejiredilmeli, aýnalar we eýwanlar günden goraýan serişdeler bilen üpjün edilmelidirler.

Klimat, ekologiki, ykdysadyýet we durmuş üçin iň bir amatly ýaşaýyş bina- az gatly howlyly jaý. Köp gatly jaýlarda kämilleşdirilen meýilnamaly we eýwanly öýler.

Jaýlaryň we otaglaryň mikroklimatyny gowylandyrmakda ýerli klimatyň amatly faktorlaryny ulanmak. Köpetdagyň etegindäki şäherlerde we obalarda dagdan inýän mylaýym şemallary jaýlary hem-de jaý toplumlaryny doly ýelejiretme şertlerini taslamalara geçirmeli. Bu mikroklimaty gowlandyrmada esasy tebigy faktorlar boýar, şonyň üçin howany sowadýan tehniki enjamlaryň işleýän wagtlaryny azaldýar hem-de adamlaryň saglygyna mylaýym täsir edýär.

Ýokardaky aýdylan teklipler möhümdir. Ýaşaýyş jaý toplumlary guramada esasy teklipler: howlyly jaý toplumlaryny gurama; biri-biri bilen sepleşikli giňişlikleri: öý – bagy-bossanly howly. Ekologiki şertleri döretmek üçin umumy howlylaryň meýdany 6-8 m$^2$ 1 adama açyk ýerleriň we gök ösümlikli meýdançalaryň ölçegi takmynan 60-70% - açyk, 30-40% - agaç ekilen bolmaly.

**Ýeliň täsiri** – uly we güýçli ýeller gyşyna sowuk tomus hem yssy we çaňly – olardan şäherleri we ýaşaýyş jaýlary goramaly. Emma ýerli şemallaryň täsirini ullamaly: dag eteklerinde – dagdan inýän gijeki we daňdan şemallary; deňiziň kenarynda- agşamky mylaýym ýelleri we başga-da şunuň ýaly howanyň bolýan ýerinde.

Maksat – häzirki zaman derejede ýaşaýyş we jemgyýetçilik binalarynyň hünärmenlerini, ýagny klimat şertlerini düýpli bilýan, ýaşaýyş we jemgyýetçilik jaýlarynyň taslamasyny oňarýan binagärleri taýynlama.

Öňde goýulýan meseleler: ýaşaýyş we jemgyýetçilik jaýlarynyň toplumlaýyn taslamasyny düzmek usullaryny, hem-de olaryň şäher strukturalary bilen sepleşiklerini kämilleşdirmegi göz öňünde tutmaly - şäher töwerekde taslamany işläp çykarmanyň teoretiki taraplaryny ; şähergurluşygyň ýagdaýy taslamadan öň ýerine ýetirilýan anyklamalary oňarýan, hukuk we bazar esaslaryna düşünýän,

hem-de taslamanyň we gurluşygyň tejribesiniň klassifikasiýasyny we synlaryny düzmek (referat, düşündiriş ýazgy);- çylşyrymly şähergurluşyk obýektiň toplumlaýyn taslamasyny düzmek we oňa girýän hemme inženerçilik enjamlaryny hem işläp çykarmak.

Binalaryň gat sany, olaryň görk taýdan teklipleri we başgalar – aýratyn şäheriň aýry-aýry ýerleriniň ähmiýeti boýunça hasaplanyp çykarylýar we görülýär.

Köplenç bular şäherleriň ykdysadyýeti bilen baglanyşykly we her ýerde mümkinçilige görä çözülýär.

Agyz suw turbalary, kanalizasiýa zeň suwlary peseltme we başgalar wajyp bolýar haçanda köp gatly binalar gurlanda. Häzirki zaman binagärçiliginde hemme ýaşaýyş jaýlar esasy inženerçilik ulgamlary bilen üpjün etmelidirler.

Ýylylyk, gyzgyn suw we ýelejiretme (wentilýasiýa) her bir jaý üçin aýratyn çözülýär (awtotom görnüşde).

Ýaşaýyş we öýüň umumy meýdanynyň özara gatnaşygy, ýagny meýdanynyň tygşytly ulanylmagyny görkeziji

$K_1$ = öýüň meýdany, $m^2$

$K_1$ = meýdan koefisienti $K_1$=0,55-0,7

we göwrüm koefisenti:

$K_2$ = umumy göwrümi, $m^3$ / ýaşaýyş meýdanyň göwrümi, $m^3$ — $K_2$ - göwrüm kofisienti

## 2. Az gatly ýaşaýyş jaýlaryň binagärligi

Mellekli ýaşaýyş jaýy diýilmeginiň sebäbi 1-2 ýaşaýyş jaýlaryň mellek meýdanynyň we hojalyk gurluşyklarynyň bolmagyna aýdylýar. Bular esasan obalarda, posýolaklarda we şäher tipli posýoloklarda ulanylýar.

Ýaşaýyş jaýyň mellek ýer bilen we oba hojalyk gurluşyk bilen aýrylmaz baglanşygy bardyr. Mellekli ýaşaýyş jaýy beýleki jaý görnüşlerine meňzemeýär. Sebäbi bu ýerde maşgala bilen gowy baglanşygy bardyr.

Mellekli ýaşaýyş jaýyň esasy punksiýasy ýaşaýşyň oňaýlygyny, hojalyk oňaýlygy bilen birleşdirmekdir.

Şonuň üçin mellekli ýaşaýyş jaýyny emele getirýän komponentleriň dürliligi hojalygyň derejesine, mellek meýdanynyň ululygyna we jaýyň görnüşine görä üýtgeýär.

Mellekli ýaşaýyş jaýlaryň binagärlik görnüşleri: ýerli şertlere, klimat, milli däp-dessurlara bagly bolýandyr.

Hususy eýeçilikdäki hojalyk giňeldilen, çäklendirilen we kiçi böleklere bölünýär. Giňeldilen hojalyk diýip, oňa iri we kiçi mallar, guşlar, bagçylyk; çäklendirme-kiçi mallar, uly bolmadyk bagçylyk we gök önümçilik; kiçä-kän bolmadyk guşlar, az sanly baglar we maşgala ýeterlik derejedäki gök önümli ýerler.

Mellekli ýaşaýyş jaýlaryň meýdany -1600m², (ýaşaýyş jaýyň – 800m²). Bu meýdany dürli ugurlar boýunça ulanylýar: garaž, gurluşyklar, kiçi jaýlar, mellek ýer, mallara seretmek üçin ýer.

Uly bolmadyk şäherlerde; şäherlerde we ýörite bellenen şäher meýdanlarda alynan territoriýada 1-2 jaýly mellekli ýaşaýyş jaýlar gurulýar we mellek meýdanlary göz öňünde tutulýar -800 m².

Meýdanyň göwrümi, jaýyň ölçeglerine, ýerli şertlerine, mellekli jaýyň gurnama ediljek territoriýasyna, ol ýeriň şäher meýilnamada boljak ýeri göz öňünde tutulýar. Käbir şäherlerde, ýerli halka mellekli ýaşaýyş jaýlarda iri we kiçi mallar saklamada rugsat edilýär, hatda mallaryň geçmegi üçin kiçi ýollar hem gurulýar.

1-2 gatly mellek ýerli jaýlar maşgalada 3 ýa-da ondan köp bolan adamlar üçin niýetlenen. Bu 2 gatly 5 otagly öýler bolýar.

Köp otagly bolmadyk jaýlary köplenç 1 gatly gurulýar. Uly we köp otagly jaýlary bolsa 2 gatly gurulýar, sebäbi jaýyň gurnamasynyň uly meýdana eýe bolmagyny döredýär.

Başga tarapdan jaýyň ýerleşdirilmegi 2 ýa-da ondan köp bolmagy, gurnamanyň meýdanynyň tygşytly ulanmagy we jaýyň meýilnamasynyň deň çözgütli çözmäge iterýär.

Jaýyň göwrümine baglylykda dürli gatlarda gurmak amala aşyrylýar. Kyn, aýlawly relýeflerde bolsa aşaky gatyň meýdany, ýokary gata görä meýdanynyň azdygy gabat gelýär.

Mellekli ýaşaýyş jaýlarynyň meýilnamasy we otaglaryň sany boý bu jaýlar şäher we oba jaýlaryňka görä üýtgeşikdir. Bu görnüşli jaýlarda esasan hojalyk işlerini alyp barjak adamlar ýaşaýar.

Bu jaýlaryň meýilnamasy işlenende, takyk funksional tarapdan çözülip, 2 ikä bölünýär: ýaşaýyş we hojalyk zolaklar.

1.ýaşayş otaglary, aşhana eýwan, dalan.

2.naharhana, iş otagy, mallara iým taýynlaýan otag, ammar, eşik ýuwulýan otag.

Mellekli ýaşaýyş jaýyň oba ýaşaýyş jaýlaryna görä üýtgeşik tarapy bardyr. Naharhanada maşgala hyzmat etmek bilen bilelikde mallaryň, guşlaryň iými hem taýýarlanýar. Şonuň üçin naharhananyň ýanynda kiçiräk göwrümli otagyň, iş naharhanasynyň goýulmagy maslahat berilýär. Ir iýmişler, gök önümleri arassalamak we olary işlemek üçin ýörite ýer we egin-eşik ýuwmak üçin wannada ýa-da aýratyn ýer berilmeli. Iş naharhanasy hökmany suratda howly we esasy naharhanasy bilen baglanşykda bolmaly, suw we gaz geçirijiler bilen üpjün bolmaly.

Çäklendirilen hojalykda bolsa (kiçi mellek ýer we malsyz) naharhana uly bolmaýar biler, ýöne girelgäniň ýanynda ýerleşdirilmeli. Beýleki gök önümlerdäki we hojalykdaky hapa işler bolsa tomusky jaýlarda ýa-da naharhanada edilýär.

Mellekli ýaşaýyş jaýy ammarlaryň göwrümine-de seredilýär.

Jaýyň podwal bölegi, hojalyk jaýlarynyň aşagynda ýerleşdirilýär we azyk önümleri, beýleki hojalyk zatlary saklamak üçin ulanylýar.

Mellekli ýaşaýyş jaýda izolýasiýanyň hem uly roly bar;  hojalyk jaýyny (otagyny) ýaşaýyş jaýdan aýyrmak üçin.  Aşhana, ammarlar we tomusky jaýlar, hojalyk howlusy bilen baglanyşmaly.

Şonuň üçin 2 girelge edilýär: köçe tarapdan esasy girelge goşmaça, howly tarapdan. Egerde girelge bir sany bolsa (kiçi mellekli jaýlarda), onda hojalyk jaýlaryny şol girelgäniň ýanynda ýerleşdirilýärler, ýaşaýyş jaý bolsa biraz çuňurakda ýerleşýär. Esasy aşhana öňki we esasy uly otag bilen baglanşykda bolmaly, eýwan bolsa esasy uly otag we aşhana bilen hem wanna jaýy hojalyk jaýlarynyň ýanynda ýerleşdirilýär we ýaşaýyş jaýyň wanna we hajathana bilen amatly ýol bilen baglanşykda bolmaly.  Hojalyk zonasy şonda-da ýaşaýyş jaý gurnamasy bilen has baglanşykda bolup biler.  Şonuň üçin hojalyk jaýlaryndan (mal, guş, gök önüm) ses, ys, goh gelmez ýaly bolmaly.

Mellekli ýaşaýyş jaýymyzy ýer uçastogunda meýilleşdirenmizde hem amatly izolitowaniýa döretmek ýaşamak üçin amatlylyk döredýär. Ýaşaýyş otaglar gohly geçelgelerden we goňşy ýerlerinden aýratynam.  2 sany  goňşy ýaşaýyş bir-birine oňaýsyzlyk döretmeýär.  Girelgeler, terrasalar we eýwanlar jaýyň dürli tarapyndan goýulýar.

Izolirowaniýany gurnamak üçin olaryň arasynda hojalyk gurnamalary bolmaly ýa-da bölüji diwarlar goýmaly.

Mellekli ýaşaýyş jaýlaryňkam içki inžener çözgütleriniň talaplary:  beýleki jaýlarda sanitar-tehniki üpjünçiligi merkeze ýa-da ýerli suw üpjünçiligine we kanalizasiýa birikdirilen.  Jaýlardaky ýyladyş ulgamy suw bilen bolup, olam ýerli ýyladyş ulgamdan.

1-2 otaglary jaýlarda bolsa doly muňa meňzeş üpjünçilik bolmaýar, sebäbi harçlanjak puluň mukdary uly bolup kiçi ýer üçin kän bolýar.

**Bir otagly jaýlar:**  Şu wagtda bir otagly mellekli ýaşaýyş jaýy, obada täze görnüşli jaýlaryň köpelmegi bilen öz aýratynlygyny ýitirmegi, gaýtam hususy eýeçilikdäki hojalygy ösdürmek üçin hasam ýaramly ýagdaýa getirildi.  Geljekde-de öz ösen inžener çözgütleri bilen öz gerekliligini ýitirmeli däl.  Bu uly bolmadyk şäherlerde hem gurular diýip çaklanylýar.

Bir otagly jaýlaryň artykmaçlygy hökmünde ilki bilen şol uçastogy dynç alyş, bagçylyk we hususy eýeçilik hojalygy hökmünde ulanmakdyr.  Uçastok jaýyň meýilnamasyna garaşsyz ýagdaýda öz proporsiýasyny we formasyna eýe bolup, esasy eýeçilik hojalygy üçin hyzmat edýär.

Bir otagly jaýlar bütewi howluly gurnama şertini döredýär.  Olary jaý bilen bir üçegiň aşagynda birleşdirip, bütewi göwrüm emele getirip bolaýr.  Içki howluly meýilnama hem döredilýär.  Bir otagly jaýyň esasy goşmaça zatlarynyň biri hem jaýy giňeltmek mümkinçiligi bolmagydyr.

Maşgala köplenç,  eýeçilik hojalygyny giňeldilende uly kömek bolýar.

Ýene bir artykmaçlygy bir otagly bolanda şöhlelerini ulanmak ýeňil bolýar.

Bir otagly jaý hem beýleki mellekli ýaşaýyş jaýlar ýaly ýaşaýyş merkeziniň bölegi bolup durýar.  Şonuň üçin ýaşaýyş jaýlarynyň görnüşlerini aýratyn seretmeli däl.

Mellegiň gurnalşy ilki bilen jaýyň meýilnamasyna täsir edýär. Mellekde ýaşaýyş we hojalyk zonalaryny ýerleşdirmek. Hojalyk zonasyny jaýyň arka tarapyndan, ýan we köçe tarapdan ýerleşdirmek mümkin. Jaýyň ýaşaýyş bölegi mellek uçastoguna baglylykda ýerleşdirmeli. Ýaşaýyş otaglarynyň köçe gatnaşygyny, yşyga görä, girelgäniň we hojalyk ýerine görä oriýentasiýasy alynýar.

Ýaşaýyş jaýynyň taslamasy düzülende, göz öňünde tutmaly, gurluşykda tebigat-klimata görä ýaşaýyş amatlylygyny döretmeli. Yssy we gurak klimatly ýerlerde esasy zat ony gün radiýasiýasyndan (şöhlesinden) we tozanly şemallardan goramak. Bu klimatdaky jaýlara şular häsiýetli**:** tomusky jaýlar, açyk galereýalar, içerki howlular. Içerki gök zolagy we daşky aýlanan howly jaýlaryň howasyny çalyşmak we salkynlaşdyrmak, sowatmak üçin hyzmat edýär we jaýy hapalanan gyzgyn howadan hem goraýar. Howa çalyşýan üçekler hem ulanylýar. Güneş radiasiýasyndan goramak üçin güngoraýjy serişdeler ulanylýar –günden goraýjy perdeler açyk reňkler bilen jaýlary reňklememk we gün şöhlesini serpikdirýän serişdeler.

Jaýlaryň meýilleşdirmesi diňe tebigy şertlerine bagly bolyp durmaýar. Uly täsir milli mukaddeslikdir, däp-dessurlar, halkyň gylyk-häsiýetli we materialyň konstruktiw düzümi, gurluşyk tälimleri. 1 gatly jaýlar:

Bu tipli jaýlar 2-3-4-5 otagly bolup bilýärler. Taslama tejribesinde 2-3 otagly bolyp bir gatda, 4-5 we ondan köpleri 2 gatda ýerleşdirmegiň has amatlydygyny görkezdi.

Bir gatly jaýlarda hojalyk jaýlary öýüň arkasynda we esasy girelge gapdaly fasadyň ýanynda. Şu görnüşde ýerleşdirilende 3 otagdan 2-si köçe tarap oriýentirlenen. Hajathana-wanna daşky diwarda ýerleşdirilýär.

Başga görnüşi. Hojalyk jaýlary öýüň arkasynda, esasy girelge bolsa öýüň köçe tarapyna seredýän ýeri. Muhman we ýatylýan otaglar girelge tarapynda ýerleşdirilýär. Myhman otagy aşhana birikdirýär.

Hojalyk jaýlary öýüň gapdalynda, esasy girelge bolsa howlynyň künjeginden (burç tarapdan) ýerleşdirilýär.

Meýilleşdirme takyk funksional böleklerine bölünýär: maşgalaýyn, dynç alynýan we hojalyk işleri üçin. Hajathana-wanna bolsa jaýyň içinde ýerleşdirilýär.

Hojalyk jaýlary öýüň gapdalynda ýerleýär. Esasy girelge käçe tarapdan, ýöne öý we hojalyk jaýyň, simiň arasyndan girilýär. Öň tarapyndan myhman otagy we aşhana, çuňlugynda (uçastok tarapdan) dynç alynýan otaglar ýerleşdirilmeli. Hajathana-wanna merkezde ýa-da daşky diwarda ýerleşýär. Planyň formasy otag sanyna baglylykda herhili görnüşe çenli üýtgedip bolýar.

**2 gatly jaýlar:** bir öýüň umumy meýdan 90 m² -dan köp bolsa 2 gatly edilýär. Bu jaýlara kottež tipli jaýlar diýilýär. Birinji gatda – adatça öň tarapynda dalan, myhman otagy, 1 sany dynç alyş otagy (spalnyý), aşhana, hojalyk jaýlary. Ikinji gatda – dynç alyş otaglary 2 derejeli jaýlaryň tipleri:

Mansartly jaýlarda ýokary gatyň otagy çerdak giňişliginde ýerleşdirilýär. Şol ýagdaýda üçegiň ýapgytlygy 45°-dan pes bolmaly däl. Eger üçegiň burçlary az bolan ýagdaýynda mansartly gat ýok diýen ýaly. Çerdak giňişligini doly ulanmak

üçin burçlary dik edilýär ýa-da burçly ýapgytlaryň öňünde dikiräjik diwar goýulýar (скошенными). Şol diwaryň kesik böleklerinde 1,6 m-den az bolmaly däl. Kyn formaly üçek gurnalanda, ýapgytlar döwülýän şekilde edil, çerdak giňişligi doly ýagdaýda ulanylýar –potoloklar gorizontal bolany üçin diwarlar bir beiklikde bolýar.

2 gatly jaýlarda, otaglaryň içki merdiwanlar bilen üpjün edilýär. Ýeri tygşytlamak üçin merdiwanlary dik ýapgytly edilýär, adata görä üýtgeşik. Jaýyň içindäki merdiwan ýeňilleşdirilen, düzgüne görä agaçdan bolmaly.

Ýerleşdirilende öňde ýa-da koridorda, 2 gata ýeňil we çalt barmak üçin. Şonuň üçin ýokary gatda açyk giňişlik döretmeli, beýleki otaglara barmak üçin.

Merdiwan diwarlar bilen çäklendirilen ýa-da açyk bolup biler. Açyk merdiwan, jaýyň interiýeri üçin esasy element bolýar. Käwagt ony umumy (myhman) otagynda hem ýerleşdirilýär. Bu çeperçilik çözgüdine garamazdan, munuň käbir ýetmezçiliklerem bar. Umumy otagy mydama geçelge ýeri bolýar.

Mansartly jaýlarda merdiwany daşky diwarda we şol diwara perpendikulýar goýmaly, merdiwanyň ýapgytlygy üçegiň ýapgytlygyna gabat geler ýaly. Şeýlelikde çerdak giňişligini ulanmak ekonomly bolar. Tygşytlamak maksady bilen ýene-de merdiwanyň aşagyny hem ulanyp bolýar.

**2 öýli (kwartiraly) jaýlar:** 2 öýli jaýlar hem edil 1 öýli jaýlar ýaly üpjünçiligi ýerine ýetirilýär.

Meýilnamasynyň hem 1 öýüň meýillnamasy ýaly. Hususy tarapy: 2 öýli jaýlar 1 ýöli jaýa görä tygşytly; Gurnamasynda we ulanmakda. Olarda daşky diwarynyň parametri kiçi .

Jaýyň bahasy 8-10% arzan bolyar. Jaýy ýylatmaga çykýan çykdaýjy 15-18% az bolýar.

Ýeriň inini hem azaltýar, 2 öýli jaýlarda 1 öýli jaýdan bir tapawudy, diwarlardan bir diwar meýdana aýnasyz bol (olam araçak diwary). Taslama tejribesinde 2 öýli gurnamasynda; 2öý hem meňzeş bolýar, şeýlelik bilen olara goşa (birleşdirilen) jaýlar (спаренный) diýilýär.

Ýöne 2 sany öýüň otaglarynyň sany hem derejesiniňem üýtgeşik bolýan ýagdaýy bar.

Bu jaýlarda üns berilýän zadyň birem: ol bu jaýlary gurluşyk ýerinde ýerleşdirip, meýilnamalaşdyryp bilmek.

Gurnama işleri edilende ýerleşdiriljek köçeler üçin binagärlik çözgütleri edilýär. Köçelere görä liniýa ýa-da aýlaw liniýalar berilýär.

Jaýlary toplumlaşdyrmak göwrüm-giňişlik çözgütlerini berýär. Toplumyň içinde bir tipli hem köp tipli bolup bilýär. Bu toplumlar içki giňişligiň daş-töweregini gurşap alýar-baglar, çagalar meýdançasy, ulaglar üçin duralgalar.

Bular ýapyk ýa-da bir tarapa açyk görnüşe eýe bolup bilýär.

Köçelriň ugrunda ýerleşdirilende seretmeli faktorlaryň bir onuň ykdysadyýetidir. Ol köçäň uzynlygyna görä däl-de, keseligine ýerleşdirmek. Sebäbi ýolda inženerçilik üpjünçiligi gymmata düşýär. (ýoluň uzynlygy sebäpli). Köçäniň petik bolmagy, köçäniň uzynlygyny 15-20% azaldýar.

## Jaý toplumlarynyň meýilleşdirilişi

Öýüň mellegi, ýaşaýyş jaýlaryň esasy bölegi bolup kiçiräk mellegi. Onuň içinde ýaşaýyş jaý we hojalyga degişli bolan gurnamalary goýulýar. Mundan başga-da bakja we agaçlar ekilýär. Mellegiň ölçegi döwlet normalaryna görä kesgitlenilýär.

Türkmenistanda her hojalyga 1600m² mellek ýere bölünýär. Onuň ýarysy 800 m² öýüň ýanynda goýulýar, galany şäherçäniň daşynda ýerleşdirilýär.

Mellegi meýilleşdirilende guruljak ýerine we jaýyň görnüşine görä hem bagly bolýar. Mellekli öýlere ýerler paýlananda köçäniň uzynlygy kiçi bolar ýaly mellegiň içini kemeldýärler.

Bu maksat bilen maksimal ýagdaýda mellegiň öňüni köçäniň öňüne görä kemeldýärler. Bu hemişe öýüň ölçegine, köçäniň ugrunda goýulan we ikisiniň arasyndaky aralyk bilen ýangyna garşy we sanitar normalary göz öňüne tutup hem-de durmuşa laýyk edip taslanýar.

## Ýangyna çydamly iki jaýyň minimal aralygy

| Bir jaýyň ýangyna çydamlylyk derejesi. | Aralyk hem-de 2 jaýyň ýangyna çydamlylyk derejesi | | |
|---|---|---|---|
| | I,II | III | IV,V |
| I,II (ýangyna çydam) | 6 | 8 | 10 |
| III (ýarym ýangyna çydam) | 6 | 8 | 10 |
| IV,V (ýarym ýanýan, ýanýan) | 10 | 10 | 15 |

1 we 2 öýli jaýyň ýeri bilen aralyk uzaklygy bir jübüt jaýyň normasyna görä normalanýar.

Meýilleşdirme we gurnama öýüň mellegi hökman durmuşa laýyk sanitar-gigiýena derejesi, ýangyna garşy goranyş, ykdysady taýdan ykjamly we öý harajatlary we ammar hojalygy bolmaly.

Taslananda her mellek gurnama bölegini oýun üçin, adamlaryň we çagalaryň dynç almagy üçin meýdançada agaçlar, bakja, düşekçe we ýörelgeler bar.

Gurnama bölegine ýaşaýyş jaý we hojalyk meýdançasy, hojalyk gurnamalary hem öz içine alýar. Mellegiň öň tarapynyň meýilnama norma boýunça gyzyl çyzykdan 3-6 m yzda bolmaly.

Ýşaýyş jaý, köçe, geçelgeler, adam ýörelgeleri we hemme howlyly gurnamalra bilen amatly ýagdaýda baglanşykly bolmaly.

Hojalygyň häsiýetine we ululygyna baglylykda mallary we towuklary saklamak üçin üsti ýapyk howluly gurnamalaryň 3 görnüşi göz öňüne tutulan, onuň meýdany 35, 20 we 10m², beýleki gurluşyk jaýyna garamazdan nirede olaryň meýdany kesgitlenýär.

Howly saklamak üçin gymmatlyklary, gaty ýangyçlary, önüm öndürmeklik üçin ammarly hojalyklar göz öňünde tutulyp, oňa goşmaça otag, meýdany 15 $m^2$ we kime meýdany 8 $m^2$ taslanylýar.

Sanitar gigiýena tarapdan amatly ýagdaý döretmek üçin jaýyň sanitar normalaryna seredip taslamaly.

Aýratyn mallar we towuklar üçin duran gurluşyklaryň arasy 15 m –1 we 2 blok gurnama üçin 25 m –3 we 7 gurnama üçin –50-8 blokda ýokary gurnamalar üçin gurluşyk normalaryna görä mellekleriň ýerleşişi jaýyň bloklarynyň we otaglarynyň sanyna bagly bolýar.

Dört otagly jaýlaryň 6 m ini bolan blok ortaça mellek ini boýunça 10 m blok tarapyna görä giňelýär, umumy meýdanyna baglylykda we mellegiň beren ýerine görä alýar. Ondan başdga 8 otagly jaý bolsa 7m.

Uly sanly otaglarda mellekleriň giňelmegi berk bolmaýar. Olaryň ini bloklaryň ini bilen deň gelýär. Bu hili ýagdaýa garažlaryň we hojalyk otaglaryň üsti bilen otaglary bloklamak, giňelme bolsa otaglary öň tarapa blokirlemeli.

Hojalyk we durmuşa laýyk gurnamalary mellegiň çuňlugyna goýmaga ymtylýarlar.

Hojalyk binalary mallary örä çykarylýan ýol tarapynda goýulýar. Şoňa görä-de goňşy melleklerini gurnaýarlar. Bu bize umumy hojalyk döredip hojalykda aýratyn duran binalaryň sanyny kemeldýär. Blokirlenen gurnamalar üçin dar uçastoklara meýdany 600 $m^2$, umumy hojalyk meýdanyny döretmäge mümkinçilik berip, mallar we guşlar üçin ýataglary uçastokdan çykaryp öz meýdanyna çykarýarlar.

Eýwandan we äpişgeler jaýyň diwaryndan hojalyk gurnamsyna we garaža çenli uzaklygy hem-de soňky jaýdan goňşy jaýa çenli bir jübüt jaý hökmünde çäklendirilen uzaklygy hökmany suratda 7 m-den az kabul etmmeli däl ýa-da ýaşaýyş jaýynyň gapdalyndan salmalary (hereket edýän gurluşyk normalaryna laýyklykda) göz öňünde tutmaly.

Hojalyk jaýlarynyň taslamalarynda we gurluşyklarynda öňden aýdylyp geçilişi ýaly mellek ýerinde hojalyk we durmuş jaýlarynyň 2 sany kabul edilen görnüşiniň ýerleşdirilişine; ýagny aýry we ýaşaýyş jaýy bilen utgaşdyrylan görnüşine gabat gelýär.

Meýdany 600-1000 $m^2$ bolan meýdançada düzgün boýunça hojalyk we durmuş jaýlaryny, şol sanda mallar üçin gurluşyk ýatakhanalaryny ýerleşdirýärler. Mellek ýerinde hojalyk jaýlaryny we howludaky gurluşyklary ýerleşdirmekligiň şu aşakdaky usullary hödürlenýär.

Hojalyk jaýlary jaýa birleşen ýapyk howlynyň perimetri boýunça ýerleşdirilýär ýa-da ondan sanitar aralygyna çenli uzaklykda ýerleşdirilýär;

Hojalyk jaýlary mellek ýeriniň perimetri boýunça ýerleşdirilýär, ýöne onuň öň tarapynda (fasad) öý guşlary we mallary saklanýan jaý bolmaly däl.

Birinji iki usul islendik klimaty şertlerde ulanylyp bilner, üçünji we dördünji dowamly sowuk gyşly (demirgazyk) şertler üçin häsiýetlidir, bäşinji usul ýyly klimatly (Özbegistan, Täjigistan) ýurtlar üçin kabul ederlikdir.

Daşky gabalan ýaşaýyş jaýlarynyň konfegrasiýasy, funksional düzümi we mellek ýeriniň meýilleşdirilişi köplenç ýagdaýda formasyna, ölçeglerine we blokda (gabawda) öýüň özüniň meýilleşdirilişine, olaryň gabaw edilişiniň (blokirowka) kabul edilişine baglydyr.

Daşy gabalan jaýly meýdança adatça arkaly iki bölege bölinendir- biri gabawyň (blokyň) öňünde, beýleki esasy jaýyň yzynda, şunuň hasabyna meýdançanyň iki böleginiň meýilnamasy öýüň belli konkret çözgüdene, girelgäniň, umumy otaglaryň ýerleşişine we köçä baglylykda aşhananyň ýerleşişine baglydyr. Eger meýdança hojalyk üçin niýetlenen bolsa, onda aşhanany howly tarapda ýerleşdirmelidir. Eger-de meýdança esasan durmuş maksatlary üçin ulanyljak bolsa hem-de odunhana bolmaklygynyň zerurlygy ýok bolsa, onda gowusy umumy otagy köçeden uzakda, yzky fasad tarapda ýerleşdirmeli. Giň meýdanda hojalyk gurluşykly hojalyk zolagy ýönekeý guralýar. Olar meýdança-da düzgün boýunça howlyly gurluşyklar kynlyk bilen ýerleşdirilýär.


0 5 10 15M

## Hatarlanan öýler

Köp öýli ýaşaýyş jaýlaryň sanynda hatarly goýulan öýler iň amatly görnüşi diýilip hasaplanýar.

Hatarly öýler 1,2,3 gatly bolmagy mümkin ýöne blok bütin bir bolup bölünmesiz göwrüm-giňişleýin bitewi gurnalan jaý. Uçastok –mellegi –bu ýaşaýyş öýiň esasy bir bölegi –ýaşaýyş howlusy.

Uçastokda, onyň ulylygyna görä, onda güljagazlar, agaçdan we başga ösümlikler. Şäherçelerde we oba ýerlerinde uçastokda hojalyk kanalar hem salynýar (samanhana, mal ýatagy, towuk ketegi we ş.m.).

Hatarly ýaşaýyş jaýlar hemme taraplaýyn goýup bolýar. Öýlere elmydama iki taraplaýyn girelgesi bolýar-biri köçe tarapyndan, beýlekisi uçastokga çykýar.

Bu görnüşli jaýlar hemme inžener taýdan setler goýulýar (suw, kanalizasiýa, gaz we başg.)

Ýönekeý konstruksiýalary, esasy göteriji diwary inleýiň goýulan. Olarda öýleri biri-biri bilen hem aýrylyşdyrýar. Öýleriň amatly binagärlik –meýilleşdirmegiň esasy şol göteriji diwaryň biri-biri bilen aýralygyny ymykly kesgitlemeli.

## Hatarlaýyn we öýleriň görnüşleri

Oba ýerindäki jaýlaryň görnüşleri hususy hojalyk kanalary gurnamagy we sona göräde öý bilen uçastogyň özara sepgitliginiň çözülişi. Otaglary ýeljiretmek, gyzgyn hem-de tozanly Şol sebäpli kiçijik ýaşaýyş howlyny gurnamalydyr.

Iň köp ýaýran blok bir öýli görnüşi. Oňa diýýärler “blok-öý”. Hatarly jaýlarda esasy öýleriň üç görnüşi bar:

- birgatly – birgatly bloklarda goýulýan öýler (öý-blok);
- bir gat öýi – ikigatly ýaşaýyş jaýlarda (her gatda öý)
- iki gatly öý (köteži görnüşli)

Birgatly blok-öýler. Bu jaýlar mellekli jaýlardan arzan. Durmuşda amatlylygy mellekli jaýlara golaý. Blok görnüşli jaýda bir, iki we üç otagly öýler. Käbir dereje – 4 otagly öýler hem bolup biler.

Iki derejeli iki gat blokda. Bu görnüşli jaýlar iň köp görnüşli we örän köp ýaýran. Bu jaýlardaky öýlerde anyk funksional zonalar direýar, ýagny birinji gat maşgalany umumy durmuş üçin we ikinji gatynda bolsa ýatak üçin otagdan.

Bu jaýlar iň amatly haçanda köp otagly öý gerek bolanda (3-5 otagly öýler). Üç gatly bir öýli bloklar bu görnüşli jaýlar şäherlerde salynýar, haçanda ýeriň bahasynyň gymmatlygynda hem-de ýokary ykdysadyýetli jaý toplumyny döretmek zerurlygynda. Blok öýler ýapgyt ýerlerde salmak üçin.

Blok görnüşli jaýlar ýapgyt ýerlerde ullanmakda örän amatly binalar. Kotel ýerlerde bloklary biri-birine görä-öňe ýa-da yza süşirilen, kompozision taýdan owadan özboluşly görnüşli jaý toplumyny gurnamagy mümkinçilik döreýar.

Cünde çägeli çölde kiçi, orta we ulyrak meýdanly ýokarsy açyk gapdallary hemme taraplaýyn ýapylan howlyly öýler iň amatly orny tutýar. Bloklaryň biri-biri bilen sepleşme usullary suratda görkezilen.

Blokly öýlerden jaý topçumyny düzmek usullary .

Köpçilikleýin ugryň öň görnüşi çykýan we uçastogyň yzyndaky geçelgä – hojalyk kanalary goýylýar.

Ýangyna çydamlyk iki jaýyň minimal aralygy

| Bir jaýyň ýangyna çydamlylyk derejesi. | Aralyk hem-de 2 jaýyň ýangyna derejesi | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | I | II | III | IV | V |
| I,II (ýangyna çydam) | 6 | 6 | 8 | 10 | 10 |
| III (ýarym ýangyna çydam) | 8 | 8 | 8 | 10 | 10 |
| IV,V(ýarym ýanýan, ) | 10 | 10 | 10 | 15 | 15 |






1 ЭТАЖ






2 ЭТАЖ



3 ЭТАЖ

1 ЭТАЖ 2 ЭТАЖ




4,8
4,8
4,8
4,8
7,3
3,0
4,5
1,8
2,7
0,6
4,8
4,8
4,8
4,8


б
450
450
450
450


в
1 ЭТАЖ
2 ЭТАЖ
600


240
420
600


а
б
в
г
д






3 ЭТАЖ


2 ЭТАЖ
СП.
СП.


РАЗРЕЗ


1 ЭТАЖ
О.К.


а
б
в
г
7,7
11,5
17,6
6,0
4,37
6,0
8,9
6,0


а
б

## 3. Köpgatly liftsiz ýaşaýyş jaýlaryň binagärligi

Seksiýa görnüşli orta gatly ýaşaýyş jaýlaryň göwrüm meýilleşdiriş çözgütleriniň köpdürliligini taslama tejribesi we gurluşyk tejribesi ýerleşdirilýär.

Göni baglylyga seretmezden oňaýlyklaryň düzlüşi, ýaşaýyş jaýlaryň konstruktiw shemalarynda, öýleriň sanynda we görnüşlerinde seksiýa meýilleşdirlende merdiwanlaryň görnüşleriniň ýerleşişi ähmiýeti az bolmadyk manyny aňladýar.

Görkezilişi ýaly esasan iki marşly merdiwanlar liftsiz jaýlarda seksiýanyň ortasynda howla tarap ýerleşdirilýär, üç gatyň beýikligine çenli bolsa seksiýanyň ortasynda ýerleşdirip ýokarlary fanarlar arkaly ýagtylandyrylýar.

Öýleriň we çykalga ýerleriň meýilleşdirilşi hem-de öýleriň wertikallaýyn ýerleşdirlişi merdiwan meýdançalaryň ýagdaýyna bagly bolýar.

Liftsiz jaýlarda esasan iki marşly merdiwanlar kabul edilýar. Belli bolşy ýaly iki öýli seksiýalarda otaglar iki taraplaýyn oriýerntirlenen bolýarlar. Açyk oriýerntasiýa bolmak üçin hokman ýaşaýyş otaglary jaýyň iki tarapyna ýerleşdirilmelidir.

Bir taraplaýyn ýerleşdirmek usuly aýratyn tebigy howa şertlerinde, nirede hemme ýaşaýyş otaglarda iri ýokary optimal ýagdaýy döretmek üçin ulanylýar.

Köpçülikleýin gurluşykda iki kwartiraly seksiýalar iki görnüşde duşýarlar. Olar simmetriýa we asimmetriýa görnüşde.

Birinjiler birmeňzeş, ikinjiler dürli-dürli jaýyň ululygyna bagly bolýarlar. Üç öýli seksiýalar liftsiz ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygynda giňden ýaýrandyr. Demografiýa tarapyna görä olar orta we az meýdanly jaýlarda hemme ýeterlik derejede amatly, Üç öýli seksiýalarda köplenç bir, iki we üç otagly jaýlary käte dört, bäş otagly jaýlary saklaýar. Dünýäniň ähli ýerinde bu seksiýa talap boýunça amatly oriýerntasiýasyny döredýär. Gorinzontyň ýaramsyz tarapyna jaýlaryň biri bir taraplaýyn ýagtylyga düşüp biler. Käwagtlar käbir meýilleşdiriş çözgütlrtinde üç otagly seksiýalarda çäklendirilmedik oriýentasiýa üpjün edilip bilner. Adatça üç otaglaryň içinde olaryň ikisi içinden ýelejirediş usulyny saklaýar.

Günorta etaraplarda açyk merdiwanlaryň ulanylmagy jaýyň hemme üç otaglaryny ýelejiretmäge mümkinçilik döredýär. Üç otagly seksiýalaryň gurnalşynyň birnäçe usullary bar olar:

Simmetriýa görnüşli seksiýada bolýar. Kompizisiýada fasadlaryň gurnalşynda şular ýaly seksiýaly jaýlar ritm ýa-da metr görnüşde bolýar.

Asimmetriýa çözgütlerinde hemme otaglar meýdany we otag sany boýunça seksiýada tapawutlanýar. Asimmetriýa görnüşli seksiýalar kompozisiýa usullsrnyň görnüşlerini ulanmak amatly.

Gyraky seksiýar jaýlarnyň gyralarynda ýerleşdirilýär. Seksiýa diwarlarynyň biri goňşy hatardaky seksiýalardan bloklanan bolmaly. Bular ýaly seksiýalar dürli hili bolýarlar. Ýönekeý hatarly seksiýalarda gyraky diwarlary daşky diwarlaryň talabyna laýyk etmeli. Olar tutuş diwar ýa-da aýna açyklary bilen bolup biler.

Ýene-de gyraky diwarlarda londžalar, balkonlar bolup biler. Hatarly seksiýalarda gyraky bölekleriň meýilleşdiriş işlerinde radikal çözgütler günden ýaýrandyr.

Öwrümleýin seksiýalar jaýlary ýerlere görä öwrümleýin meýilleşdirlende giňden ulanylýar. Öwrümler jaýlaryň meýileşdirilişine we takyklanan gurluşyk ýerlerinde anyklanan bolýar. Köp duşýan seksiýalarda öwrümler 135°-dan (daşky öwrüm) 90° (içki öwrüm) çenli aralykda bolýar. Öwrümleýin seksiýalar tejribede materialyna baglylykda birnäçe çözgütleri ulanylýar.

Galereýa görnüşli jaýlaryň gurnalyş usullary. Galereýa görnüşli jaýlaryň otaglaryň meýilleşdirilişi, arhitektura görnüşleri boýunça tapawutlanýar.

Galereýa görnüşli jaýlaryň meýilleşdiriş shemasynda gurluşykda we meýilleşdirilende üç grupba bölünýär çyzykly sepleşme, giňişlik.

Ugurlaşdyrlan jaýlaryň meýilnamasy 1 ugur görnüşde gurulýar. Köplenç gönüburçly jaýlar ulanulýar. Jaýyň keşbini gowulandyrmak maksady bilen käbir ýerde öýleri biri-birine süýşürlen ýagdaýda goýulýar. Bu hili meýilleşdirlen jaýlaryň galareýalary özbaşdak, amatly öýleri we olaryň girelgesiniň öňünde kiçiräjik meýdançalar bolýar.

Sepleşikli galareýa görnüşli jaýlar iki ýa-da birnäçe gönüburçly bloklardan durýar. Olary birleşdirlende komunikasiýa düwünleri we merdiwanlar arkaly amala aşyrylýar. Bu görnüşli jaýlaryň meýilnamasy dürli-dürli bolýar. Olar meýilnamada bloklaryň iň ýönekeý sepleşmesinde, bloklaryň garym-gatym, parallel çylşyrymly sepleşme görnüşleri bolýar. Esasanam hem bize, köp duşýany Г-görnüşde T-görnüşde duşýan jaýlar.

Giňişlik shemalary esasan ýaşaýyş kompleksleri döredilende ulanylýar. Olaryň formalary meýilnamada dürli-dürlüdir. Galereýa görnüşli jaýlrada içki howly döredilende içki giňişlikde, ýaşaýyş grupbalary döredilende ýapyk we ýarym ýapyk giňişlilikleri döreýär. Bu giňişlikler halkyň dynç alýan ýerleri, awtomaşyn duralgalary, çagalar meýdançalary bolup biler.











seksiýa görnüşli jaýlar


14,0
10,5
11,5
7,2
6,5
1,5
1,0
8,3
20,2
8,1
8,3
1,0
1,5
23
13,2
360
360







içki howluly jaýlar.



42 öýli seksiýa görnüşli içki howlyly ýaşaýyş jaýy



Terrassa görnüşli ýaşaýyş jaýy.




**Mellekli jaýlaryň meýilnamalary**



**Mellekli aýry jaý meýilnama, umumy görnüş**




**Mellekli hatar jaýlaryň gurnalyşy**




**Mellekli aýry jaý meýilnama, umumy görnüş.**




**Mellekli aýry jaýyň gurluşy**

## 4. Köpgatly liftli ýaşaýyş jaýlar

### Şähergurluşyk şertleri we toparlary

Ýşaýyş jaýlary kompozisiýa we funksional gatnaşykda şäher bilen çylşyrymly (kyn, agyr) gatnaşykda ýerleşýär. Ýaşaýyş jaýyň göwrüm giňişlik çözgüdi we onuň gatlaryny saklamakda şähergurluşyk şertleri has wajyp. Jaýyň görnüşini saýlanylmagynyň aýgytly gaktorlarynyň biri onuň gatlary. Onuň kesgitlenilşi 2 sany wajyp şert bilen bellenilen.

Kompozitsialy, meselem suduryň ýeter-ýetmezligi, hem-de ykdysadyýet bellenen ýerde ýaşaýyş fondunyň uly dykyzlygyny talap edýär. Şäherde ýer gurluşyga niýetleneni üçin gymmat durýar. Rekonstruksiýa şertlerinde köplenç ters talaplar ýüze çykýar –taryhy we çeperçilik guramalary bilen ýakyn aralykda goňşulykda ýerleşmeginde onuň gatynyň we sanynyň azaldylmagy bolup durýar.

### Köpgatly ýaşaýyş jaýlaryň sossial demografiki esaslary

Köp gatly ýaşaýyş jaý şäher üçin amatly, köpgatly gurnamabolsa özboluşly ýaşaýyş töweregini döredýär.

Uly ölçegli şäherler, onuň bölekleriniň aýrylygy we köp adamlylyk raýatyň psihologiki görnüşine belli bir yz goýýar.

### Köpgatly ýaşaýyş jaýlaryň gurluşykda ýaşaýyş töwregiň ekologiýasy

Häzirki zamanda şäheriň çalt depginde ösmegi arhitekturanyň öňünde şäherde oňaýly ekologiýa şertlerini döretmek ýaly wajyp meseläni goýýar.

Uly şäher gurşawynyň öz aýratynlygy bar. Emeli materiallaryň: demirbetonyň, aýnanyň, metalyň, ýylylygy ulagyň çenden aşa köp ulanylmagy belli bir derejede adaty tebigatyň ýetmegi şäheriň mikriklimatynyň käbir otrezatel düzüminiň, ýagny tomusda has ýokary temperaturasynyň, ümürli günleriň sanynyň artmagynyň, daşky howa gurşawynyň hapalanmaklygy bilen düşündirilýär.

Taslamaçynyň meselesi urbonizatsiýanyň oňaýsyzlyklarynyň ýumşatmaklyk. Bu maksatda: relýefiň häsiýetlerini we gök ösümliklerini saklamak, onuň görnüşini dogry saýlamaly, onuň formasy, beýikligine, maýyşgaklygyny saklamaklygy, ýagny meselem: gök ösümliklere baý, melleklerde nokat görnüşli jaýlary ulanmak; relefiň ýerine görä egri sudureý jaýlar.

Şu meseläniň şäherleriniň içinde klimatyň amatly şertlerini çaklap ulanmaly, ony taslama tärleri bilen amala aşyryp bolýar. Şunluk bilen ýaşaýyş jaýlary, meýdançalary ýakymsyz ýellerden goraýar ýa-da täsirin ýelejiredýän ýelleri özüne çekýär.

Bellenen ýeriň tebigy resuslaryny goramak, emeli döretmek we adamyň ýaşaýan töwereginiň adaty oňaýly şertlerini saklamakda, köpgatly ýaşaýyş jaýlary

taslamak we köpgatly gurnamamnyň meýilleşdirilişinde uly hem-de wajyp ähmiýeti bar.

## Köpgatly ýaşaýyş jaýlaryň gurluşynda insolýasiýa, ýelijeretmeli we şum sesden goranylyşy

Ýşaýyş jaýlara we territoriýanyň insolýatsiýa we ýelijiretme, görkezilen umumy talaplardan daşary, köpgatly gurluşyň şertlerinde gaty gyzmagynyň artdyrylmagy (G.o etraplarda) we çenden aşa sowamagynyň (D.g etraplarda) köpgatly ýaşaýyş jaýda nazara almak zerur, tiz-tizden otaglary we beýleki şäheriň düzümine häsiýetli ses çeşmelerinden goramaly.

Otaglaryň ýagtylandyrylyşy ýerli faktorlara bagly bolýar daşky ýagtylandyrylyşdan aýnadan geçip göni girjek, gün şökleleriniň möçberi, ýeri gurşap alýar we bölekli zatlardan ýagtylanýan şöhleleriň möçberi.

Uly beýikli jaýlar, territoriýalarda ep-esli garaňkylygy döredýär. Meselem; olaryň giňlikde ýerleşdirilmegi, şunuň bilen bilelikde gün bilen hiç-haçan şöhlelendirilmýär.

Bu territoriýalarda güller, otlar, bakja ösümlikleri erbet ösýär, çagalar we sport meýdançalary ýerleşdirip bolmaýar. Şonuň üçin köpgatly ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygynyň territoriýasynda insolýatsiýa otaglaryň insolýatsiýa ýaly wajyp. Ol şäheriň tutuş gohunyň 80-90%-ni tutýar, uly şäher magistrallarda onuň derejesi 90-100 ýetýär.

Edilen barlaglara görä uly şäherlerde gohuň derejesi her ýylda 1 db ösýär. Gohuň adam organizmine ýagny saglygyna zyýan berýädigi hemmä aýandyr. Gohlar adamlaryň eşdiş (gulak) organlaryna azar berip, nerw kesellerine duşar edýär.

Ýaýrajak gohuň öňüni ekranlar bilen toprak üýşürmek bilen gök ösümlikleri ösdürtmek, oturtmaklyk, ýaşaýyşa niýetlenilmedik gurnamalary dikeltmek, ulag ýollaryny (trassalary), öý ýerlere goýberýärler we şonuň ýaşaýyş gurnamany gohdan daşyrak süýşürýärler. Şäheriň meýdanyny köpeltmek soňky çärä talap edýär, ýaşaýyş fondunyň dykyzlygy peselýar. Şeýlelikde ýaşaýyş jaýlaryň rahatlygyny bozýar, şeýlelikde şäher ulaglaryň duralgasynyň radiusy, pyýada geçelge aralygyny we hyzmat ediş edaranyň aralygyny uzaldýar.

Mikroraýonyň içinde gök awtomobilleriň hereketi bilen ýüze çykýar, ýüküň düşürülmegi bilen hapa ýangyjy maşynlardan, çagalaryň oýnundan şular 75 db-den geçende. Ýük maşynlardan 75 db, ýeňil maşynlardan, sport meýdançalardan we çagalaryň, edaralaryň jaýlarynyň töweregi 80-85 db bolup biler.

Ýaşaýyş otaglaryna ýetýän gohuň ululygy norma görä 30 dBA ýetmeli däl. Çagalar we sport meýdançalary (aktiw dem alyş zonalary we bedenterwiýe nokatlaryny) ýaşaýyş jaýlardan we ýuwaş dem alyş ýerlerden belli bir uly aralykda ýerleşdirmeli. Olary ýaşaýyş jaýlardan gök ösümlikli oturtmalar bilen garamaly.

## Köpgatly ýaşaýyş jaýlarynda ulanylýan merdiwanly, liftli düwünler we ýangyna garşy çäreler

Merdiwanly liftli düwünler köpgatly ýaşaýyş jaýlaryň düzüminde uly ähmiýete eýedir. Funksional ol wertikal we gorizontal, komunikasiýa düzüminde we ýaşaýjylary halas edijilikde wajyp zynjyry bolup durýar.

Köpgatly ýaşaýyş jaýyň merdiwanly-liftli düwünlerinde bolmaly esasy düzümi merdiwan lift, birinji gatdan westýebul we hapaguýjy bir meňzeş gatlarda bolsa aýratyn gapylar, koridorlara çykar ýaly bolmaly, otaglaryň girelgelerine çenli aralyga ýetirilmeli tüsse gapmaýan (ýa-da ýönekeý) merdiwandan hem-de hapa äkidijilere geçelge bolmaly.

Seksiýa tipli ýaşýaýyş jaýlarda merdiwan liftiň meýilnamasy 9-10 gata çenli aýratyn ýangyna garşy çäreleri talap etmeýär. Burçda ýerleşýän seksiýalaryň daşky merdiwanlaryň goşulmaklygy otaglardan bir merdiwana ýönekeý çykalgasy bolmalydyr, we seksiýadan-seksiýa, balkonlardan geçelge bolmaly. 9-gatdan ýokary bolan ýaşaýyş jaýlarda merdiwanly –liftli düwüniň tapawudy ösýär we merdiwanyň öýjügüniň gurluşy üýtgeýär.

Şolardan ýaşaýyş jaýlarda iki görnüşli ulanýarlar. Merdiwan-hanasynyň birinji görnüşi daşky howa gurşawdan balkonlardan, eýwanlardan, açyk geçelgelerden, galereýalardan ybarat bolup durýar.

Merdiwan-hanalaryň ilkinji görnüşi öz göwrüminde enjam oturdylan, şonuň kömegi bilen ýangyn mahaly howanyň diregini amala aşyrýar.

Şu jaýlaryň gündeki ýaşaýjylary wertikal geçelgeleri geçmek üçin diňe lifti ulanmaýar, merdiwan diňe howply ýangynlarda ulanylýar diýip hasaplanylýar.

Merdiwan- hananyň birinji görnüşi tüsse gopmazlyk maksady bilen ýangyn mahaly ýaşýayş jaýyň hemme otaglarynda doly izolirlemekligi göz öňüne tutulýar. Ol hökmany daşky gurşaw bilen baglanşygy bolmalydyr, birinji gatdan onuň çykalgasy göni daşky meýdana ertmelidir. Şonuň üçin hem ony ulanmak howpsyzdyr.

Seksiýa jaýlarda 9 gatdan ýokary bolsa adatça 1-görnüşli merdiwan- hanany ulanýarlar, ýöne 2-nji görnüşli merdiwan howany ulanmaga rugsat berýärler, balkona çykalga bolmadyk halatynda emeli howa diregi bilen. Burçdaky seksiýadan daşky ewakuwasiýanyň merdiwanlara ýaşaýyş jaýyň gapdalynda ýerşýän merdiwanlaryň üsti bilen we 5-nji gatdan düşüp bilýär.

Seksiýaly jaýlarda öýleriň girelgelerine ertýän koridorlar uly bolmadyk uzynlygy bar, koridorly ýaşaýyş jaýlarda olar esasy gorizontol komunikassiýalardan uly giçirijilere öwrülüp gidýär.

Ýangyn howpsyzlygyny göz öňüne tutulyp ýagny olaryň uzynlygy çäklendirilen. Öýleriň girelgesinde merdiwan –liftli eýwana çenli aralyk (we tüsse gopmaýan ýa-da ýönekeý merdiwana) 40-metrden geçmeli däldir. Olaryň arasyndaky aralyk 80 m, koridoryň uzynlygy 25 m-den köp bolmaly däldir.

Koridorly ýaşaýyş jaýlaryň 10-nji gata çenli we öýleriň umumy meýdany gatda 500m$^2$ bolsa bir merdiwanhana (ýönekeý) çykalga rugsat berilýär onuň bilen hem koridorlaryň gapdallaryndan daşky merdiwanlara çykalgalary göz öňüne

tutmalydyr. 10 gatdan ýokary bolan koridorly jaýlarda koridorlara çykýan öýleriň umumy meýdany bilen 500m² gowşak azyndan iki tüsse gopmaýan merdiwana çykalgasy göz öňüne tutulmalydyr. Olardan biri 1-nji görnüşe degişli bolmalydyr. Beýlekisi ilkinji görnüşdäki bolup biler, howanyň diregini aşyrýar.

Howa merdiwanlara gatlar ara koridorlardan girelge gurluşyny gurmaklyk rugsat edilýär. Koridorly jaýlarda 1-nji görnüşli merdiwanhananyň umumy sany 50% az bolmaly däldir.

Belli bir görnüşdäki merdiwany ulanmak birnäçe faktorlara bagly bolýar. Binanyň beýikligi (gatynyň köplügi) onuň meýilleşdirme düzümi we gurluşyk raýonyň klimat aýratynlygy.

Tüsse gopmaýan merdiwanhanalaryň ýyladylýan, ýaşýayş korpusyň jeminde ýerleşen we sowuk uzyn ýa-da gapdal diwara goşulyp gurulan 3 ýa-da 2 sany aýnalanmadyk diwarlar olary tüsse gopmazlygy üpjün edýär.

Köpgatly ýaşaýyş jaýlaryň merdiwan-lift düwünleri we merdiwanhanalara ölçegleri rejeleşdirilýär. Birmeňzeş gatlarda merdiwanyň 8 sany basgançak minimum bolmalydyr. Basgançagyň iki 20 sm bolmaly we basgançagyň beýikligine 9 sany beýikligine basgançak 15-45 sm bolmalydyr, marşyň iki 105 sm, marşyň arasy 10 sm, merdiwanyň içki gabaritleri 580x220 sm. Köp ulanylýan merdiwanlaryň parametrlerinden başgada wariýantlar göz öňüne tutulan. Olaryň her biri dürli ýagdaýlarda ulanylyp biliner (podwala ertýän merdiwanalar, ýokary jaýyň ýokarky örtügüne (çerdaga), standartyň ölçegine gabat gelmeýän gatyň beýikligine merdiwan lifti düwünleriň meýilnamasyny hökmany üýtgedilmeginde we suňa meňzeşler.

5-gatdan beýik jaýlarda liftler gurnalynýar, ýokarky gatynyň planynyň belliliginiň derejesinden ýeriň meýilleşdirme belginiň derejesini 14 m bolýar. Öýlerde gohdan gaça durmaklyk üçin öýleriň diwarlarynda liftiň şaktalarynyň gurnamagyndan gaça durýarlar. Ýaşaýyş otaglaryny diwarlardan çäklendirýärler. Liftleriň gapysy westýebula tarap açylýar we gatlara garşy ýerleşdirilýär.

Ýük daşajylygy we göterjek ýükiniň agramyna
görä sanyny kesgitlemek

| gatyň sany | lifitleriň sany | göteriji ýükiniň agramy, kg; tizligi sek/m | her bir gatdaky öýleriň umumy meýdany, $m^2$ |
|---|---|---|---|
| 10çenli | 1 | 400; 1,0; 0,71 | 600 |
| 11-12 | 2 | 400; 1,0 | 600 |
| 13-17 | 2 | 400;1,0(1,4;1,6*)<br>630;1,0(1,4;1,6*) | 450 |
| 18 | 3 | 400;1,6 | 450 |
| 19 | | 400;1,6, 630;1,6 | |
| 20-25 | 3 | 400;1,6<br>400;1,6 | 300 |
| 20-25 | 4 | 630;1,6;400;1,6; 400;1,6 | 450 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | 630;1,6; 630;1,6 | |

## Öýüň mikroklimaty we saglyga oňaýly şertler

-Mikroklimaty häsiýetlendirme we kesgitlemeler.
-Mikroklimatyň öýleriň meýilnamasyna täsiri.
-Öýleriň mikroklimatyny kämilleşdirmede tebigy we amaly usullar.

## Gigeýena şertleri

Binagärlik töweregi adam üçin gurnalýar, şol sebäpli hem binagär adamynyň töwerege bolan tekliplerini hökmany suratda bilmeli.

Adamynyň endamynda elmydama ýylylyk önýär we ýylylygy daş töwerege berýär (çykarýar). “yssy” – haçanda töwerek ýylylygy ukuply özüne alyp bilmeýän pursady, “sowuk” – haçanda töwerek ýylylygy köp özüne çekip, eýsem adamynyň endamynda döräninden. Konweksiýa bilen hem birnäçe ýylylyk çykýar (adamynyň endamyndan howa garsy), konduksiýa bilen (egerde adamynyň endamy başga bir jisime degende), radiasiýa bilen (ýyly jisimden bir az sowgyrak üste şöhle görnüşde geçýän ýylylyk) we bug görnüşde çykýan çyglyk (adamynyň dersinden haçanda dem alanda).

Otagyň mikroklimatyna teklipler belli bir derejede üýtgeýär, haçanda adam ýerli howa şertlerine uýganlaşmada, hem-de ýylyň pasylyna görä, adamyň işe we başga hereketleri bilen bagly bolýaк.

Her dürli klimat raýonlarynda ýaşaýyş otaglaryň (mikroklimatyna) ýylylyk derejesine gigiýene tarapdan teklipler. Ýaşaýyş öýleriň ýylylyk rejesine konweksion usuly bilen ýyladylanda we adamlaryň ýaşyna görä gigiýene tarapdan teklipler.

| Adamyň ýaşy | Otag | Howanyň tem-sy, $^0C$ | Howaň hereketi, sek/m | Howanyň otnositel çyglygy, % | Diwaryň,içki ýüzüniň tem-sy, $^0C$ |
|---|---|---|---|---|---|
| 12-13 | Ýaşaýyş<br>ýatak | 20-22<br>16-17 | 0.1-0.15<br>0.08-0.1 | 45-50<br>38-50 | 18<br>15 |
| 20-30 | Ýaşaýyş<br>ýatak | 18-20<br>14-15 | 0.1-0.15<br>0.08-0.1 | 45-50<br>38-50 | 18<br>14 |
| 55-60 | Ýaşaýyş<br>ýatak | 20-22<br>16-17 | 0.1-0.15<br>0.08-0.1 | 45-50<br>38-50 | 18<br>15 |

## Öýüň binagärlik – giňişlik strukturasy we interýeriň gurnalşy

- Klimat we öý
-Öýüň binagärlik – giňişlik gurnalyşy

-Öýüň içki giňişliklerini gurnamada konstruksiýanyň we jaý gurluşyk usullarynyň täsiri.

## Öý we klimat

Jaýlaryň we öýleriň göwrüm-giňişlik meýilleşdiriş gözlegleri birnäçe tapawutlylyklara bölünýär – kompaktnydan açyga çenli. Olara laýyklykda öýüň içki giňişliginiň daşy bilen baglanşygy ýola goýulýar.

Sowuk klimatly şertlerde ýaşamaklyk üçin niýetlenen öýlerde ilki bilen güýçli sowukdan goranmaklyk talap edilýär. Bu öýleriň göwrümi mümkin boldygyndan kompaktnyý bolmaly. Ýagny ýylylygy tygşytlamak üçin olaryň daşky diwary uzynlygyna däl-de çuňlygyna özgermeli. Gün tarapda erkerler ulanylýar.

Maýyl klimatly ýerlerde öýi dogry ýelejiretme ýa-da burçlaýyn howa çalşygy zerur. Bu ýerlerde göwrüm – meýilnamalaşdyryş çözgütleriniň dürli görnüşleri ulanylýar. Güýçli ýel bolýan ýerlerde esasy otaglar we tomusky otaglar ýeliň garşysynda, hojalyk otaglary bolsa ýeliň ösýän tarapynda ýerleşdirilýär. Ýylylyk düzgünini kadalaşdyrmak üçin äpişgeleriň ölçeglerini kiçeldýärler. Fasatda ýeliň ösýän tarapynda ýönekeý konfigurasiýa bolmaly.

Maýyl klimata degişli bolan klimatiki şertler öz arasynda çyglygynyň we ýeliň rejesiniň dürliligi bilen tapawutlanýarlar: maýyl normal çyglykly, yssy gurak, yssy çygly. Diýmek, öýüň meýilnamalaşdyrylşynyň esasyny düzýän kompozision esaslaryň hem hersiniň öz aýratynlygy bolar.

## Öýüň binagärlik – giňişlik gurnalyşy

Geçen döwürlerde otaglaryň düzüminiň we meýdanynyň belli bir derejede saklamagy sebäplli öýüň binagärlik – giňişlik gurnama meselelerini amatly çözmek kyn boldy.

Häzirki şertlerde öýüň düzümine goşmaça otaglaryň girizilmegi, maşgalanyň dynç alýan umumy otagynda ýatmak üçin ýerleriň edilmezligi netijesinde öýde estetiki we oňaýly şertleri döretmäge mümkinçilik bar.

Tejribe taslamalary soňky ýyllarda geçirilen bäsleşikleriň netijesi birnäçe gowy ýerleşdirlen “owadan” öýleriň nusgasyny berýär. Olar adama 18 $m^2$ hasaby bilen işlenipdir. Binagärlik – giňişlik gurnamalarynyň ahyrky maksady adam üçin zerur bolan tertibi döretmek. Binagärler bu tertibe binagäriň dilinde “giňişligi gurnamak”, “binagärlik meýilnamalaşdyryş gurnama” diýilýär. Olaryň gurnalyşy kompozisiýa usullarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Interýeriň kompozisiýa hökmündäki esasy estetiki häsiýetnamasy wagtyň dowamynda özegerýän giňişligi döretmekdedir, ýagny bitewilik şekili aýry elementleriň yzygider hereketini döretmekdedir. Bu baglanşygyň döremegi esasan giňişlik ulgamynda bolmagy özgerşiň ugryny saklaýar. Bu bolsa adamlaryň gowy täsir edýär, hereketi gurnaýar we giňişlikdäki ygry görkezýär. Şeýlelikde ok binagärlik giňişliginiň tertibini we gurnamasyny kesgitleýän kompozisýa serişdeleriň biri bolup durýar.

## Öýüň içki giňişliklerini gurnamakda konstruksiýanyň we jaý gurluşyk usullarynyň täsiri

Jaý we öýleriň taslamasyna başlanylanda dörän pikiri diňe kesgitli serişdeler, formalar, konstruksiýalar bilen ýerine ýetirip boljakdygyny göz öňünde tutmaly. Şonuň üçin has oňat çözgütleriň gözlegiiniň gidişi belli bir konstrruktiw – meýilnamalaşdyryş parametrlerini gurnamak, öýüň nädip guruljakdygyny takyk göz öňünde tutman bolmaz. Olar 100 ýyldan hem köp gulluk etmeli. Şonuň üçin döwrebap jaýlaryň öýlerinde bütin tehniki ulanyşyň dowamynda olaryň moral taýdan durnukly üpjün etmelidir.

Şonuň üçin öýüň meýilnama strukturasyny kämilleşdirmek we özgertmek nukdaýnazaryndan haýsydyr bir konstruktiw – tehnologiki ulgamyň bahasyny onuň moral taýdan durnuklylygyny üpjün edip bilmeklik kesgitleýär.

Şeýlelikde öýleri taslamak sungatyň kyn ugry bolup, birnäçe meseleleriň toplumyny çözmegi, jaýy gurmagyň usullaryny we beýleki formany dörедýän şertleri we faktorlary göz öňünde tutmagy, talap edýär. Ahyrky netije diňe taslaýjynyň biliminiň we ussatlygynyň çuňlugyna bagly.




Otagyň giňişleýin kompozisiýasy

## Bölüm 2. 1.Mekdebe çenli okuw – tejribe jaýlary

Çaga ýaşlarynyň bölünmesi, ýasli ýaşly çagalar, çagalar ýaşlaryny jemini hasaplama. Jaýyň esasy görnüşleri. Aýratyn görnüşli jaýlar (çagalar öýi, saglygy saklama ýa-da her hili keselli çagalar üçin ýörite salynan). Gündelik ýa-da gündelik ýaşlylar.

Şäherde ýerleşdiriş düzgüni, hasaplama ýer möçberini jaýdan daşda goýmak we olary kadalaşdyrmak.

Binagärlikde bolan görnüşler we olaryň ululygy, meýilleşdiriş usullary, bölümlere bölmek we gigiýena tarapdan teklipler.

## Mekdebe çenli çagalar jaýlary

Mekdebe çenli çagalar edaralaryny görnüşlere bölýän esasy zat olaryñ niýetlenişidir. Olar adaty çagalara niýetlenen umumy, saglygynda dogabitdi ýetmezçilikleri bolan (körlük, kerlik, akyl taýdan yza galaklyk) çagalara niýetlenen ýöriteleşdirilen we saglygy gowşak bolan çagalara niýetlenen sanator-sagaldyş görnüşlere bölünýärler. Mekdebe çenli çagalar edaralarynyñ aýratyn bir görnüşi, ata-eneleri bolmadyk çagalar üçin çagalar öýüdir.

Çagalaryñ ýaşy boýunça mekdebe çenli edaralar, aşaky toparlara bölünýärler:

**Çagalar baglary** – 3-den 7 ýaşa çenli çagalar üçin.

**Çagalar bakja –** baglary – bir-näçe aýdan – 7 ýaşa çenli çagalar üçin.

Häzirki döwürde esasan birikdirilen çagalar bakja-baglary gurulýar. Olar bile gurulanda hyzmat ediş radiusy daralýar we ykdysady taýdan has amatly bolýar. Häsiýeti we ulanylyş wagty boýunça mekdebe çenli çagalar edaralary şu toparlara bölünýärler:

**Gündizki,** diñe gündiz işleýän çagalar edaralary.

**Gije – gündizlik** ýa-da hepdelik, (mekdebe çenli internatlar) olarda çagalar hepdäniñ alty günini geçirýärler.

**Garyşyk,** olarda çagalar toparlarynyñ bir bölegi diñe gündiz işleýär, beýleki bölegi bolsa gije-gündiziñ dowamynda işleýär.

**Niýetlenen çaga sany** boýunça mekdebe çenli çagalar edaralary aşaky toparlara bölünýärler: az çaga niýetlenen, 4 we az toparly. Ortaça çagalar bagy, 5-den 7-ä çenli topar sanly çagalar bagy, köp sanly çaga niýetlenen, 8-den 12-ä çenli topar sanly çagalar bagy.

## Çagalar edaralarynyñ ilatly nokatlarda ýerleşdirilşi

Mekdebe çenli ýaşly çagalar üçin edaralaryñ köpüsi, gündelik ulanmaga niýetlenip, hojalyk-hyzmat ediş edaralaryna degişli. Olar şäheriñ etrapçalarynda ýerleşip, şol etrabyñ ýaşaýjylaryna niýetlenýär we 250-300 metrlik töweregine hyzmat edýär. Çagalar üçin sagaldyş edaralary esasan oñaýly howa we tebigy ýagdaýlar bolan ýerlerde, şäher eteklerinde ýerleşdirilýärler.

# Çagalar bakja-baglarynyň binalarynyň bölümleri




## Meýilleşdiriş bölekler




kiçi bakja topary naharhanasy




uly bakja topary naharhanasy




kiçi bag toparynyň otagy




uly bag toparynyň otagy

# Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň binalarynyň kompozisiýasy




Binalarynyň ýerleşdirilşi boýunça tipleri.

## Umumy bilim mekdepleri

Umumy bilim mekdepleri, olaryň şäherde goýulyşy. Binagärlik – meýilleşdiriş kompozisiýasy. Umumy mekdeplerini hasaplama, şäherde goýmak we ýeriň ölçegini bilme. Binagärlik – meýilleşdiriş usullary mekdebiň ýeri, onuň meýilnamasy, nähili zonalar bar we olaryň funksional tarapdan goýulyşy: Mekdepleriň görnüşleri. Her synpda okuwçylaryň mekdep binagärliginiň her hili görnüşleri we olaryň taslama şertleriniň aýratynlyklary. Umumy bilim beriş mekdepler, 7-den 17 ýaşa çenli çagalara we ýetginjeklere bilim we terbiýe beriş edaralarydyr. Umumy bilim beriş mekdepler esasan niýetleniş ugry boýunça görnüşlere bölünýärler. Başlangyç we dokuz ýyllyk.

Umumy bilim mekdepleriniñ has köp duş gelýäni on ýyllyk mekdeplerdir, olar okuwçylara doly orta, zähmet bilimini we hünär berýärler.

Adaty umumy bilim mekdeplerinden başga mekdep-internatlar hem bolýar. Olarda okaýan okuwçylar (ata-eneleriniñ islegi boýunça) mekdep-internatlarda ýeke-bir okaman, ýaşaýarlar hem we diñe dynç günleri, baýramçylyklarda öýlerine gidýärler.

Mekdep jaýlarynyñ görnüşlere bölünişiniñ möhüm görkezijileriniñ biri olarda okaýan çagalaryñ sanydyr.

Umumy bilim beriş mekdeplerinde okap bilýän çagalaryñ sany, 1400-1500 çenli, mekdep-internatlarynda okap bilýän çagalaryñ sany – 560-a çenli.

Umumy bilim beriş mekdepler gündelik ulanylýan edaralara degişli we etrapçalaryñ organiki bölegi bolup durýarlar. Buk mekdepleriñ ilata hyzmat ediş radiusy 700 m.

6-7, 9-10, 11-12 müñ ýaşaýjyly etraplarda 1176, 1568 we 1960 ýerlik mekdepler gurulýar. Has uly etraplarda (16 müñ ýaşaýja çenli) birnäçe mekdep ýa-da “mekdep şäherçeleri” gurulýar.

Şäherde mekdepleriñ ýerleşişine edilýän talap, olaryñ hyzmat ediş etraplarynda gyradeñ ýerleşdirilmegidir. Käte olar etrabyñ gyrasynda hem ýerleşdirilip bilerler.

Okuwçylaryñ mekdebe barýan ýollary uly magistrallar, dkanlara azyk we haryt getirilýän ýollar bilen kesişmeli däldir. Mekdep jaýlarynyñ guruljak ýerleri hökmünde iñ arassa, sagdyn, gowy ýelejiredilýän we ýerasty suwlarynyñ pes ýerleşen ýerleri saýlanýar.

Umumy bilim beriş mekdepler, aşaky binalar toparlaryna bölünýärler:

Okuw, okuw-önümçilik we okuw-sport binalary.

Medeni-köpçülik çäreleriniñ geçirilýän ýerleri.

Naharhanalar.

Kömekçi jaýlar.

Hojalyk we beýleki binalar.

Mekdep jaýlarynyñ düzümi we olaryñ meýdany olaryñ niýetlenişine laýyklykda bellenilýär. Esasy okuw jaýlaryna synp otaglary, laborotoriýalar we laborantlaryñ otaglary degişli.

## Ýer uçastoklaryna esasy talaplar

Mekdepleriň we mekdep internatlaryň ýer uçastoklarynyň mukdary we ýerleşdirilişi TGN şäher gurluşygy normalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

Mekdepleriň we mekdep-internatlarynyň ýer uçastoklarynda şu aşakdaky esasy zonalar (zolaklar) göz öňünde tutulmalydyr. Bedenterbiýe we sport, okuw-terbiýe, hojalyk we dynç alyş zolaklary. Ýer uçastoklarynda esasy zonalaryň meýdançalary-mekdeplerde 1-nji tablisa boýunça, mekdep-internatlarda bolsa N2-nji tablisa esasynda kabul edilmelidir. Mekdeplerde ýerli arhitektura organlarynyň rugsady esasynda bedenterbiye, sport zonasyny obadaky we posýolokdaky talaba laýyk meýdançalarda hem ýerlerde olara birikdirmeklige we olaryň ýanlaryndan gurmaklyga rugsat berilýär. Okuw- tejribe zonasynyň meýdançasy ýerli oba-hojalyk kärhanalarynyň razylygy bilen düzgüne laýyklykda kesgitlenilýär. Mekdepleriň uçastok zonasynyň meýdançasynyň düzümi (sostawy) hokmany 1-nji goşmaça esasynda kabul edilmelidir, mekdep- internatlarda bolsa hokmany 2-nji goşmaça esasynda kabul edilmelidir.

Mekdeplerde, mekdep internatlarda bedenterbiýe we sport zonalaryny okuw klaslarynyň aýnalary ýerleşýän tarapynda ýerleşdirmeklige rugsat edilmeýär. Top bilen oýnalýan we dürli snarýadlary iteklemek, daşlary zyňmak üçin meýdançalary jaýlaryň aýnalaryndan 25 metr aralyk uzaklykda, 3-15m ýokary göterilen gorag diwarlary bilen üpjün edilen meýdançalarda ýerleşdirilmelidir. Sportuň beýleki dürli görnüşleri bilen meşgullanmaklyk üçin şol 10 metrden az bolmaly däldir.

Hojalyk zonasy naharhananyň önümçilik jaýlaryna girilýän tarapynda we okuw-tejribe zonasynyň ýanynda ýerleşdirilmelidir. Hojalyk zonasynda ýerli şertlere görä saraý, gök önümler saklanýan otag, okuw garažy, gurluşyk inwertarlaryny saklamak üçin bassyrmalary ýerleşdirmäge rugsat berilýär. Hojalyk jaýlarynyň we mekdep hem-de mekdep-internatlary üçin bassyrmalaryň sostawy we me meýdançalary proýektde görkezilişine laýyklykda kesgitlenilýär.

Meteorologiki we geografiki meýdançalar mekdepleriň jaýlarynda 2,5 metr beýiklikde ýerleşdirilen bolmalydyr.

Mekdepleriň we mekdep-internatlarynyň dürli agaçlar oturdylan meýdançalary umumy meýdançanyň 40% az bolmaly däldir.

Mekdepleriň we mekdep internatlarynyň (dürli agaçlar) ýer uçastoklarynyň territoriýalary ähli perimetrler boýunça goralan bolmalydyr, şol sanda:

a)mikroraýonlaryň içindäki ýer uçastoklarynyň daşyna 1,2 metr beýiklikde gök agaçly goraglar galdyrylan bolmalydyr.

b)köçelere we girelgelere goşulýan ýer 1,2metr beýiklikden pes bolmadykgorag dikeldilmelidir.

Mekdeplerde we mekdepleriň ýanyndaky internatlarda jaýlaryň äpişgeleri keseligne. Amatly ugur (çen) bilen tablisa laýyklykda kabul edilmelidir

| **Zonalar (zolaklar)** | **Parallel (meňzeş) klaslaryň sanyna görä meýdanyň hasaby m$^2$** |
|---|---|

| | Başlangyç mekdeplerde | | | | | Orta mekdeplerde | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1 | 1 | 2 | 3 | 4 | 2+3 | 2+3 | 3+3 |
| 1.Bedenterbiýe we sport | 850 | 5610 | 6140 | 7760 | 7920 | 8800 | 10250 | 17990 |
| 2. Okuw-tejribe | 240 | 5050 | 5050 + 1440 | 1975 | 2510 | 1440 + 1975 | 2x1975 | 3x1975 |
| 3. Dynç alyş | 400 | 625 | 1250 | 1875 | 2500 | 1250 + 1875 | 2x1875 | 3x1875 |
| 4. Hojalyk | 500 | 500 | 625 | 750 | 750 | 900 | 900 | 900 |

Oba ilatly ýerlerinde üç parallel klasly mekdepler gurlan halatynda okuw-tejribe meýdançasynyň zonalary sanowaja laýyklykda, şäher ýerlerinde 2 parallel klasly mekdepler maýdalawjy laýyklykda kabul edilýär.

| № | Zonalar | Orta mekdep internatlarynda 1parallel klasa düşýän meýdanyň hasaby m$^2$ |
|---|---|---|
| 1. | Bedenterbiýe we sport | 5610 |
| 2. | Okuw-tejribe | 5050 |
| 3. | Dynç alyş | 900 |
| 4. | Hojalyk | 625 |

Bellik: Ýerli sebäplere, ýagdaýlara görä mekdep-internatlaryň ýer uçastoklarynyň umumy meýdany kemeldilen halatynda bedenterbiýe-sport meýdançasy we onuň düzümi, süýşüp oýnalýan oýunlar üçin meýdançalar üýtgewsiz saklanmalydyr.

| № | Otaglar | Amatly (maksada laýyk) ugruny |
|---|---|---|
| 1. | Klaslar üçin | 120$^0$-dan 200$^0$-a çenli |

| | | |
|---|---|---|
| 2. | otaglar, laboratoriýalar (şu tablisanyň 3,4 p.p görkezilenler özgesi) | $65^0$-dan $200^0$-a çenli |
| 3. | Çyzgy we şekillendiriş sungaty otagy, habar beriş we elektron hasaplaýyş tehnikasy otagy | $315^0$-dan $45^0$-a çenli |
| 4. | Biologiýa laboratoriýasy | $150^0$-dan $210^0$-a çenli |
| 5. | Mekdep-internatlarda we mekdebiň ýanyndaky internatlarda ýatylýan otaglar we mekdeplerde ýatylyp oýnalýan otaglar | $50^0$-dan $310^0$-a çenli |

## Göwrüm meýilleşdiriliş we konstruktiw çözgütler

Mekdepleriň, mekdep-internatlaryň we mekdepleriň ýanyndaky internatlaryň jaýlarynyň umumy meýdançasyny we düzümi mekdepleriň okuw planlaryna, pedagogiki-guramaçylyk strukturasyna (gurluşyna) laýyklykda kesgitlenilýär.

Jaýlaryň düzümi şu aşakdakylar göz öňüne tutulmalydyr:

a) başlangyç mekdepleriň jaýlary üçin klaslar, kitaphana, zähmet okuwy üçin, uzaldylan günli okuwlar üçin uniwersal klaslar, naharhana(bufet), hojalyk adminestratiw, rekreasion, sanitar otaglary, westebýul garderob (geýimleri çalşyrmak) üpjün edilýär.

b) Orta mekdepleriň we mekdep internatlaryň otaglary üçin (laborantlar otaglary bilen) otaglar we laboratoriýalar, zähmet okuw sapaklary, prossesional ugurlary, okuw-sporty, aktlar zaly leksiýalar üçin auditoriýalar, kitaphanalar, jemgyýetçilik guramalary üçin, naharhanalar, administratiw-hojalyk, medesina hyzmatlary,rekreasion, sanitar otaglar, westibýul garderoblary, bulardan başga-da uniwersal-mekdeplerde uzaldylan günler üçin, mekdep-internatlar üçin ýatylýan we hyzmat ediş otaglary göz öňüde tutulmalydyr.

c) Mekdepleriň ýanlaryndaky internatlar üçin: ýatylýan otag, hyzmat ediş otagy, medesina hyzmaty, westibýul we garderob (geýim çalşyrylýan) otaglar göz öňünde tutulmalydyr.

Okuw sport zallarynda klaslaryň, okuw otaglarynyň, laboratoriýalaryň sanlaryny mekdeplerde we mekdep internatlaryň jaýlarynda geçirilýän ähli sapaklary, bir smenadaky okuw agramynyň azyndan 75% az bolmazlyk şerti bilen kesgitlenilýär.

d) Parallel klaslaryň san gatnaşygy: parallel klaslar I-III ýa-da IV-IX klaslarda her ýaş aýratynlygyna bir klas göz öňünde tutmalydyr.

Mekdepleriň we mekdep-internatlaryň jaýlaryndaky otaglary esasan 2 topara bölmek gerek: olar okuw we umumy-mekdep otaglary. Okuw otaglaryň grupbasyna (toparyna) şular degişlidir: I-III klaslar üçin klas otaglary, IV-IX klaslar üçin okuw kabinetleri we laboratoriýalar, zähmet we profesionalugurlar üçin otaglar, galan ähli otaglar umumy mekdap otaglarynyň toparyna degişlidir.

Mekdepleriň we mekdep-internatlaryň jaýlary proýektirlenende şu aşakdaky göwrüm-plan strukturasynyň (gurluşynyň) talabyna laýyklykda göz öňüne tutmalydyr.

a) okuw otaglary okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary we predmetler (sapaklar) boýunça toparlara bölünip, okuw seksiýasyna birleşmelidir, I-III klaslar üçin okuw seksiýasy düzüminde altydan az bolmadyk klas otaglary, zähmet okuw üçin ussahana, uzaldylan gün üçin uniwersal otag, sanitar rekreasion otaglar: sanitar otaglaryny I-III klaslar üçin seksiýada däl-de, toparlarda göz öňünde tutmaklyga ýol berilýär- düzüminde okuw kabinetleri, laboratoriýalary, rekreasion we sanitar otaglary bar bolan IV-IX klaslar üçin okuw seksiýalary.

b)I-III klaslaryň okuw seksiýalary aýratynlykda bolmalydyr, ýagny beýleki ýagdaýdaky toparlar geçmez ýaly edilen bolmalydyr.

c)Parallel klaslaryň sany 4 ýa-da ondan hem köp bolan halatynda özbaşdak okuw böleklerinden we umumy mekdep jaýlaryndan ybarat bolan bloklaşdyrylan jaýlar proýektirlenilmelidir. Her bir özbaşdak okuw mekdep blogy I-X parallel klaslaryň üçisinden artygyna niyetlenilen bolmaly däldir.

Mekdep-internatlarda ýatak jaýlary beýleki jaýlardan ýangyndan goranmak üçin edilen diwarlar arkaly ýapylan bloklarda ýerleşdirilen bolmalydyr.

Mekdep-internatlarda we mekdepleriň ýanyndaky internatlarda ýatak jaýlary sanitar otaglary (umywalnikler- ýuwnulýan kranlar, suwa düşülýän ýer, hajathanalar) duşlar eşik çalşylýan otaglar şeýle-de sport zallarynda eşik çalşylýan otaglar, gyzlar we oglanlar üçin aýry proýektirlenen bolmalydyr.

Mekdepleriň we mekdep internatlaryň jaýlarynyň beýikligi düzgüne laýyklykda iki gatdan beýik proýektirlenen bolmaly däldir.

Şäher gurluşygynyň talabyna görä mekdepleriý okuw bloklaryny 4 gata çenli galdyrmaly bolan halatynda, şäher ýa-da welaýat häkimlikleriniň ýörite ygtyýar bermekleri esasynda ýol berilýär. Şeýle halatlarda 1-nji klasyň otaglaryny 4-nji gata ýerleşdirilmegi rugsat edilmeýär. Galan okuw otaglarynyň hem diňe 25% köp bolmadyk sanyny yerleşdirmeklige rugsat berilýär.

40 okuwça çenli bolan oba mekdepleriniň etazlarynyň beýikligini ýaşaýyş jaýlarynyň normalaryna laýyklykda meýilleşdirmek rugsat edilýär.

# Mekdep binalarynyň bölekleri



3 hatar partaly gönüburç synp



4 hatar partaly dörtburç synp



himiýa laboratariýasy



öý hojalykçylyk otagy


1-nji gat
2-nji gat
1-nji gat
2-nji gat
3-nji gat
Kesim I-I


2-nji gat
1-nji gat
3-nji gat
Kesim I-I


1-nji gat
2-nji gat

## 2. Tomaşa binalary

### 1.Kinoteatrlar we klublar

Kinoteatrlaryñ esasy görnüşi, kömekçi jaýly bir tomaşa zally görnüşidir. Kinoteatryñ jaýlarynyñ düzümi hyzmat edilýän tomaşaçylaryñ sanyna, ulanylyş şertlerine we zallaryñ ölçeglerine laýyklykda anyklanylýar. Biziñ ýurdumyzda esasan foýeli kinoteatrlar gurulýar.

Foýeli kinoteatrlar şäheriñ merkezi böleklerinde we az kinoteatrly etraplarda gurulýar.

Uly formatly proýeksiýanyñ giñ gerime eýe bolandygy kinoteatr binalaryny has uly ölçeglerde gurmaga we tomaşaçylaryñ sanyny köpeltmäge mümkinçilik berdi. Muña laýyklykda, uly formatly zallar azyndan 600 adama niýetlenip gurulýar, has häsiýetli ölçegi bolsa, 800-1600 ýerlikdir.

1200-e çenli tomaşaça niýetlenen bir zally kinoteatrlar adatça birinji gatyñ derejesinde ýerleşdirilýärler. Seýrek ýagdaýda tomaşa zalyny doly ýa-da bölekleýin ikinji gatda, foýeniñ we gulluk jaýlarynyñ üstünde ýerleşdirýärler. Bu ýerleşdiriş usuly haçanda kinoteatr köp gatly jaýlaryñ arasynda gurulanda ulanylýar.

Iki ýa-da üç zallyk kinoteatrlar kompozision gurluşy we tomaşaçylaryñ ugrukdyrmak boýunça has çylşyrymly ulgamy emele getirýärler.

Kinoteatryñ düzüminde funksional we kompozision tarapdan garanyñda iñ esasy jaý, tomaşa zalydyr. Onuñ gurluşy kinoteatryñ umumy kompozision-meýilleşdiriş gurluşyny hem anyklaýar.

Zalyñ göwrüm-meýilleşdiriş çözgüdi ilki bilen onuñ meýilnamasynyñ we kesiminiñ kinoproýeksiýa hem-de tomaşa etmek amatly bolar ýaly edilip anyklanylýar.

Zalyñ häsiýeti onuñ ulylygyna, ekranyñ we kinoapparaturanyñ ýerleşişine bagly.

Tomaşaçylar islendik ýerden ekrany päsgelsiz görer ýaly, tomaşaçynyñ serediş oky, yzdaky tomaşaçynyñkydan 12 sm pes bolmaly. Bu şerte gabat gelýän setirleriñ gurluşy grafiki ýa-da analitiki usul bilen anyklanylýar.

Kesimde iñ ýönekeý zal, hatarlaryñ ekrandan daşlaşdygyça gyradeñ ýokarlanýan bitewi amfiteatr hökmündedir. Ekranyñ aşaky gyrasy ýerden gaty ýokarda ýerleşdirilmeýär (1-1.5m).

1000-den köp adama niýetlenen zallarda bir ýa-da bir-näçe balkonlaryñ guralmagy hem maksadalaýykdyr.

## 2. Teatr we konsert binalary

Teatrlaryñ binalarynda iki sany çylşyrymly jaý toplumlary bolýar – sahnalaryñ taýýarlanaylýan we ýerine ýetirilýän bölegi we tomaşaçylaryñ oturýan bölegi.

Sahna, görkeziji toplumyñ merkezi bolup, hemme oýunlaryñ we sahnalaryñ geçirilýän ýeridir. Her-bir merkeziñ daşynda köp sanly jaýlaryñ toparlary ýerleşýär, olar öz düzümi we ölçegleri boýunça sahnanyñ we tomaşa zalyñ gurluşyna baglydyrlar.

Teatral işiñ häsiýeti we onuñ kabul ediliş şertleri teatral binanyñ görnüşini hem-de tomaşaçylar zalynyñ we sahnanyñ arabaglanyşygyny anyklaýar.

Sahna.

Sahnanyñ hem-de tomaşa zalynyñ şekilini we ulylygyny anyklaýan esasy ölçeg, oýun meýdançasynyñ ulylygydyr. Tejribäniñ görkezişi ýaly, spektakllaryñ köpüsiniñ oýun meýdançasynyñ giñligi 8-den 14 metre çenli, çuñlugy 5-den 10 metre çenli bolýar. Bu ölçegleriñ kiçeldilmegi iñ ýönekeý sahnalaryñ goýulmagyny hem kynlaşdyrýar. Olaryñ ulaldylmagy bolsa tomaşaçylaryñ kabul edişini kynlaşdyrýar. Spektaklyñ görkezme bezeglerini çalt üýtgedip bolar ýaly esasy sahnadan başga, gapdal we aşaky sahnalar hem göz öñünde tutulýar. Gapdal sahnalar olarda süýşürilýan platformalary ýerleşdirmäge niýetlenen. Aşaky sahna hem dekorasiýalary çalt çalşmaga we sahnanyñ düşeginiñ mehanizmlerini ýerleşdirmäge niýetlenen.

Tomaşa zaly.

Teatryñ tomaşa zaly teatryñ binasynyñ esasy kompozision elementidir. Onuñ gurluşy sahnanyñ guralyşy bilen şertlenýär, oturyş ýerleriñ ýerleşişi bolsa tomaşaçylar üçin beýleki jaýlaryñ toparlanyşyny anyklaýar.

Teatryñ tomaşa zaly, tomaşaçylara mümkin boldugyça oñaýly girlgeleri, çykalgalary, sahnanyñ doly görülmegini üpjün etmelidir. Tomaşa zalynyñ kompozisiýasyny anyklaýan iñ möhüm faktor hökmünde tomaşaçylaryñ iñ soñky hatarynyñ sahnadan bolan uzaklygy kabul edilýär. Akteryñ hereketleri 25 metre çenli aralykdan görünýär. Zallara sygýan adamlaryñ sanyny hem şu şert anyklaýar.

Sahna hyzmat edýän jaýlaryñ meýilleşdirilşi we abzallaşdyrylşy, spektakllaryñ taýýarlanmagyny we geçirilmegini üpjün etmelidirler. Teatryñ döredijilik işgärleriniñ jaýlary aýratyn toplum hökmünde, aýratyn girelgeli we mümkin boldugyça sahna golaý hem-de teatryñ beýleki jaýlaryna geçiş mümkinçilikli guralýar.

Teatryñ önümçilik ussahanalary adatça aýratyn korpus hökmünde bolýar. Olar teatr binasynyñ ýanynda ýerleşýärler ýa-da birnäçe teatra hyzmat edýärler.

# Teatrlar



Kölndäki opera teatry



Afinadaky Dionisyň teatry



Sankt-Peterburgdaky ermitaž teatry



Pariždaky serdidäki teatr



teatryň taslamasy

## Konsert zallar

Özara baglanyşykly tomaşa zaly we estrada konsert zalynyñ binasynyñ funksional we kompozision merkezini emele getirýär.

Akustiki we ykdysady taýdan amatly bolar ýaly, saz zallarynynyñ göwrümi gaty uly bolmaýar. (600-800 ýere çenli), uly simfoniki we hor çykyşlary üçin zallary has uly edýärler (600-den 2500-e çenli we has hem ýokary). Konsertlerde çykyş edýäniñ hemme hereketlerini doly görmek gerekli bolmanlygy sebäpli, hatarlaryñ sahnadan daşlygy diñe sesiñ eşidilşi bilen bilen bellenilýär. Adatça gowy akustikada,iñ soñky hatar estradadan 35 metr uzaklykda ýerleşdirilýär. Mundan has uzakda sesler ýañlanyp eşidilýär we arassalygyny ýitirip bilýär.

Sazly konsert çykyşlary üçin ansambllar añsat ýerleşer ýaly ulylykdaky estradalar gerek. Kamer orkestrlar üçin estradanyñ giñligi azyndan 6m, çuñlugy 5m bolmaly. Takmynan 100 adamdan ybarat uly simfoniki orkestryñ çykyşy üçin 200$m^2$ ölçegindäki estrada gerek.

Tans toparlarynyñ çykyşlary üçin konsert zallaryñ ulaldylan estradasy bolmaly. Käbir ýagdaýlarda tans toparlarynyñ konsertleri üçin ýörite enjamlar we göwrümli bezegler gerek bolýar. Olary saklamak üçin teatrlardaky ýaly ýörite gapdal boşluklar göz öñünde tutulýar. Bu ýagdaýda estradanyñ ulylygy teatr sahnasynyñ ulylygyna golaýlaýar we soñky hatarlar estradadan 30 metrden uzak ýerleşdirilmeýär.

# Konsert zallary



Daşkendiň medeniýet köşgi



Massaçysetsiň konsert zaly



Harkowiň konsert zaly






London. Roýal festiwal holl



Helsenkiniň mediniýet öýüniň konsert zaly

## 3.Teatryň sahnasy we tomaşa zaly

3.Teatryň sahnasy we tomaşa zaly

Teatryň taryhynda teatr oýuny guramagyň esasy iki gönüşi döreýär. Olaryň biri antiki döwründen gaýdyp, teatr oýnuny we tomaşaçylary bir zalyň göwrüminde birikdirýär. Tomaşaçylar açyk sahna meýdançasynyň üç tarapynda ýerleşýärler. Aktýorlary üçi çykalgany we dekorasiýany diňe yzky diwarda edip bolar. Beýlekisi renessansdan we borokkadan gaýdýar, tomaşa zalyny we belli bir daşlykda ýerleşen sahnasy portalyň ramasy arkaly biri-birinden aýrypdyrlar.

Ondan soňky döwürlerde, has hem XX asyrda teatry taslamagyň we gurmagyň tejribesiniň baýlygy sahnanyň agzalan görnüşlerinden başgada dürli görnüşlerini döretmek üstünde gözlegdir. Bu ýerde ilki bilen ähli taraplaryny tomaşaçylar gurşap alýan sahna-arena hakda aýtmak gerek. Şeýle-de sahna düwüniniň käbir aralyk çözgütleri hem bar (meselem: üç portally ýa-da panoramaly sahnalar).

Döwrebap tehnika arkaly sahnany tomaşa zaly bilen birikdirmäge, hatda formasyny we ölçeglerini hem üýtgetmäge mümkinçilik berýär.

Üç asyrdan gowrak wagtyň içinde teatr taslamalarynda we gurluşygynda portal sahnasy giň gerime eýe boldy. Şonuň üçin bu sahnanyň gurluşygynda has içgin durup geçeli.

## Portal görnüşli ýa-da düýpde ýerleşýän teatr sahnasy we tomaşa zaly

Teatr hereketleriniň bolýan ýerinde dekorasiýany çalyşmaklyga uly mümkinçilik bermegi portal görnüşli sahnanyň artykmaçlygy bolup durýar. Portalyň derwezesi ýörite ýangyndan goraýjy tuty arkaly tomaşaçylary sahnada tutaşan otdan goramaga mümkinçilik döredýär. Bu ulgamyň kemçiligi, tomaşaçy bilen aragatnaşygyň çäklendirilendigidir. Sebäbi oýnuň ähli hereketleri portal arkanyň aňyrsynda geçýär we tomaşaçylar oňa doly gatnaşyp bilenoklar.

Oýun meýdançasynyň ölçegi daşlykda ýerleşen sahnanyň we tomaşa zalynyň ululygyny we formasyny kesgitleýän esasy parametrdir. Tejribäniň görkezişi ýaly, drama spektaklleriniň köpüsinde oýun ini 8-14 m we daşlygy 5-10 m bolan meýdançada bolup geçýär. Bu ölçegler kiçeldilse iň ýönekeýje spektakli hem gurnamak mümkin bolmaýar. Ölçegler uzaldylsa, has hem daşlygy, onda tomaşa zalynyň soňky şertlerinden aktýoruň oýnuny görmek we eşitmek kyn bolýar. Balediň gatnaşmagyndaky sazly teatrlaryň ölçegleri hem şol nukdaý nazardan kesgitlenilýär, ýöne öýun meýdançasy 12x12 m-den kiçi bolmaly däl we muňa degişlilikde sahnanyň beýleki bölekleri hem ulalýar. Oýun meýdançasynyň ölçeglerine laýyklykda portal derwezesiniň ölçegleri bellenilýär, onuň giňligi bolsa öz gezeginde tomaşa zalynyň formasyny kesgitleýär. Adatça drama teatrlarda portalyň giňligi 10-14 m çenli, opera – balet teatrlarynda 14-16 m çenli aralykda bolýar.

Sahnanyň giňligi oýun giňişliginiň ýa-da portalyň ininden we sahnanyň gapdal taraplaryny bezeýän (kulis) ýörite gurnamalary, dekorasiýalary, ýagtylandyryş enjamlary ýerleşdirmek üçin, aktýorlar ýygnamak üçin ýeterlik bolan gapdal giňişliklerinden we ş.m. alynýar. Sahnanyň ini portal derwezesiniň

giňligine görä 2 esse uly bolmaly. Sahnanyň giňişligi onuň yzky diwar tarapynda dekorasiýalary goýulmagy bilen kesgitlenilýär. Dekorasiýany goýulmagynyň birinji setirden daşlygy 20-m-den köp bolmaly däl. Tejribede sahnanyň daşlygy portal derwezesiniň ininden 1.5 esse uly edilýär. Sahnanyň beýikligi birnäçe derejelerde göwrümli dekorasiýalary pawilýony we reňkli yzky diwary gurnamaga mümkinçilik bermeli. Olar sahnanyň yzky diwar tarapynda ýerleşip, zalyň merkezinden seredeniňdeportal ramasynyň aňyrsynda olaryň ýokarky çeti görünmeli däl. Yzky diwaryň beýikligi 1.5 esse bolmaly. Çalşyrylýan yzky diwarlar sahnanyň ýokary bölegine galýarlar.

Daşlykda ýerleşen sahna dekorasiýanyň tiz çalşygy üçin kolosnikler we dekorasiýany göterýän enjamlar bilen abzallaşdyrylýar. Sahnanyň beýikligini çäklendirýän kolosnikler gözenek görnüşdäki düşeme bolup, olar fermanyň aşaky guşaklygyna ýa-da ondan 2-2.5 m aşakda berkidilýär. Kolosnikleriň ýokarsynda bloklar berkidilip, olardan dekorasiýany ýokaryk galdyrýan we aşak düşürýän troslar asylgy. Kolosniklere çenli sahnanyň belentligi hasaplama boýunça yzky diwaryň iki boýuna ýa-da portal derwezäniň üç boýuna deň bolmaly. Sahna gutusynyň ýokary böleginde asma görnüşinde tekiz dekorasiýalar ýerleşdirlen. Sahnanyň portal derwezesini tomaşa zalyndan goraýan ýangyna garşy demir tutularhrm sahna gutusynyň belentligine täsir edýär. Ol sahnanyň derwezesiniň ýokarsynda ýa-da nad borýerom arkestrowoý ýamy ýerleşýär we ýangyn döremek howply abanda awtomatiki ýagdaýda aşak düşýär, zal bilen sahnanyň arasyny üzýär.

Sahna gutusynyň perimetri boýunça her 2.5-3 m belentlikde içi galereýalar ýerleşdirilýär. Galereýalarda we kolosniklerde işlemek üçin ýörite basgançak ýa-da ýokaryk galdyrýan ebjam göz öňüne tutulan.

Spektalyň gurnamasynyň çalşygyny tizleşdirmek üçin esasy sahnadan başgafda gapdalky, aşaky we yzky sahnalar göz öňüne tutulan.

Gapdalky sahnada (jübüde) süýşýän platformalar turkalar bolup, olarda indiki hereketiň göwrüm dekorasiýasy öňünden taýyn edilýär. Turkalar oýun meýdançasynyň ölçegine ýa-da onuň ýarsyna deň bolýar. Esasy sahnanyň bir gapdalyndan doly turka ýa-da iki gapdalyndan doly ýaryn furkalar süýşirilýär. Jübüler sahnanyň iki gapdalynda hem bir gapdalynda bolup bilerler, birinji ýagdaýda has amatly bolýar.

## 3. Söwda – hyzmat jaýlary bazarlar

Umumy düşünjeler. Söwda – hyzmat işlerinde häzirki zamanda iki ugur durmuşa geçirilýär – birinjiden olaryň hilini ýokary derejä ýetirmek we alyjylara golaýlatmak. Ikinjiden – uly kompleksleri döretmek, köp hilli harytlary standartyna deňlikde bolmaly. Täze standartlar, şäher dizaýnyna degişli bezegler.

Söwda – hyzmat obýektlerini şäherde goýmak usullary, goýma derejeleri – **gündelik** (standart boýunça), ýa-da **ýörite** (spesialnoýe) hyzmatlar.

Magazynlar, uniwermag, uniwersal, supermarketlaryň goýma kadalary, ýer mukdary.

Bazarlar we olaryň tipleri, şäherde goýuluş usullary, duralga kadalary, ulag ýollary. Açyk we ýapyk (üsti ýapyk) bazarlar. Taslama kadalary bazar binasynyň binagärligi, kompozision tarapdan bolan kesgitleme.

Bazaryň baş alany, onuň şäherde ýerleşişi, injžener kommunikasiýalar bilen üpjün etme sanitar – arassalykda saklama teklipler.

**Hyzmat binalary,** olary şäherde goýma usullary we aýratyn görnüşleri.

**Kommunal hyzmat binalary** we olaryň kompleksi, kadalar, şäherde ýerleşişi.

## Söwda merkezleri

Söwda merkezleri – bu bir ýerde tygşytly ýerleşýän we jemgyýetçilik iýmitleniş nokatlaryny, bölekleýin söwda dükanlaryny we hojalyk hyzmat ediş nokatlaryny öz içine alýan toplum. Käwagt bu söwda merkezler tomaşa, ulag we beýleki hyzmat ediş edaralar bilen birleşýär. Şol sebäpden olar jemgyýetçilik-söwda merkezleri diýip hem atlandyrylyp bilýärler.

Şäher strukturasyna laýyklykda, olaryň aşaky görnüşleri bellenilýär:

Etrapçalaryň söwda merkezleri.

Etraplaryň söwda merkezleri.

Şäher derejesindäki söwda merkezler.

Söwda merkezleriniň oňaýly tarapy, ilat az wagt we güýç sarp edip özüne gerekli bolan azyk we hojalyk harytlaryny bir ýerden alyp bilýär, şeýle hem hojalyk we jemgyýetçilik iýmitlendiriş hyzmatlaryndan hem peýdalanyp bilýär.

Şäher söwda merkezleriniň ululygyna laýyklykda olaryň takmynan meýdany

| Hyzmat edilýän adamlaryň sany | Göwrümi $m^2$ | Gurnalan meýdan | Pyýada zolak | Awto duralgalar | Hojalyk zolagy | umumy |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 20 müň ýaşaýjy | 30 000 | 0,3 | 0,6-0,8 | 0,06-0,09 | 0,15-0,2 | 1,15-1,5 |
| 30 müň ýaşaýjy | 40 000 | 0,4-0,5 | 0,9-11 | 0,09-0,13 | 0,2-0,3 | 1,6-2,1 |
| 50 müň ýaşaýjy | 50 000 | 0,5-0,6 | 1,2-1,4 | 0,15-0,2 | 0,25-0,45 | 2,1-2,6 |
| 100 müň ýaşaýjy | 60 000 | 0,5-0,7 | 1,5-1,7 | 0,25-0,3 | 0,3-0,5 | 2,4-3 |
| 150 müň ýaşaýjy | 70 000 | 0,7-0,9 | 1,6-1,9 | 0,4-0,5 | 0,35-0,6 | 2,7-3,6 |
| 300 müň ýaşaýjy | 10 000 | 1,2-1,4 | 1,7-2,2 | 0,7-0,9 | 0,4-0,8 | 3,9-5 |

# Söwda merkezleriniň kompozisiýalary

## 1. Içki hojalyk howlysy



1. Açyk dukany
2. Senagat harytlarynyň dukany
3. Naharhana
4. Hojalyk hyzmatlary kombinady

12-14 müň ýaşaýja söwda merkezi niýetlenen



## 2. Ýerasty debarkader



30000 ýaşaýja niýetlenen söwda merkezi



## 3. Hojalyk howlusy



10-12 müň ýaşaýyja niýetlenen söwda merkezi



1. Dukanlar
2. Naharhanalar
3. Hojalyk hyzmatlary we dermanhanalar



## Jemgyýetçilik iýmitlendiriş kärhanalary

Jemgyýetçilik iýmitlendiriş kärhanalara naharhanalar, kafeler, restoranlar we başg. degişli.

**Naharhanalar.** Naharhanalarda naharlary ýarymfabrikatlardan taýýarlaýarlar. Naharhanalar saýlama ýerlerde, söwda merkezleriniñ düzüminde, we dynç alyş zolaklarynda ýerleşýarler. Olar jemgyýetçilik iýmitlendiriş kärhanalaryñ açyk toryny emele getirýärler. Zawodlardaky, okuw edaralaryndaky we beýleki edaralardaky naharhanalar ýapyk tory emele getirýärler.

**Kafe.** Kafeler esasan ertirlik we agşamlyk üçin ýeñil naharlary taýýarlaýarlar. Şeýle hem ýöriteleşdirilen kafeler bolýar (konditer-kafesy, doñdurma-kafesy, çaga kafeleri we başg.)

**Restoranlar.** Restoranlar müşderileriñ islegi boýunça nahar taýýarlaýarlar (esasan agşam). Olarda medeni dynç alyş üçin şertler döredilýär (estrada, saz, tanslar). Restoranlarda müşderilere ofisiantlar hyzmat edýär.

## Awtoulag duralgalar we garažlar

**Niýetlenişi** we ulanylyş dowamlylygy boýunça awtomobil duralgalar we garažlar uzak möhletlik we gysga möhletlik bolýarlar.

**Tehniki hyzmatlary** boýunça garažlar toplumlayyn we toplumlaýyn bolmadyk görnüşlere bölünýärler. Toplumlaýyn garažlarda awtoulaglara tehniki hyzmatlar hem ýeriñe ýetirilýär (ýuwalgalar, ýangyç guýmak, profilaktiki operasiýalar, bejergi işleri). Toplumlaýyn bolmadyk garažlarda awtoulaglara diñe ownuk tehniki hyzmatlar ýerine ýetirlip bıler (gözden geçiriş, ýuwalgalar, ownuk bejergi).

**Gatlarynyñ sany** boýunça duralgalar bir gatly we köp gatly bolýarlar. 2-den 5-e çenli gatly duralgalar orta beýiklikdäki duralgalar, gtalaryñ sany 5-den ýokary bolsa, köp gatly duralgalar.

**Sygýan** awtoulaglaryň sany boýunça duralgalar aşaky toparlara bölünýärler: kiçi duralgalar we garažlar (50 awtoulaga çenli); ortaça duralgalar we garažlar (50-den 300-e çenli); uly duralgalar (300-den ýokary).

## Restoranlaryň kompozisiýa usullary

### Talyp işleri



### 500 orunlyk restoran





1. Zal
2. Aşhana
3. Aryk blogy
4. Banket zaly
5. Westibýul
6. Tans meýdançasy



### 500 orunlyk restoran







# Restoranlaryň kompozisiýa usullary



# Teatrlar





Afinadaky Dionisyň
teatry



Sankt-Peterburgdaky
ermitaž teatry



Kölndäki opera teatry



Parižday serdidäki teatr



teatryň taslamasy

## 4. Sport binalary we desgalary

-Sport binalaryň we desgalarynyň klassifikasiýasy.
-Stadionlar we sport kompleksleri
-Tomaşa desgalaryň görünjek we seretme şertleri.
-Göwrüm planlaşdyrma we desga çözümleri.

Taryhy giriş. Sport desgalarynyň bölümleri: Esasy desga, garaşly desga we tomaşaçylar üçin jaýlar we guramalar.

**Esasy desgalarda** sportiw türgenleşme, saglygy saklama we her hili ýaryşlar geçirmek üçin. Olar hem ikä bölünýär – açyk howada we ýapyk otaglarda.

**Garaşly desga** – her hili hyzmat etmek üçin otaglar tomaşaçylara – esasy desgada ýer tutýar we garaşly desgada tomaşaçylara hyzmat edýän otaglar.

Beden terbiýe – sport desgalarynyň setleri we olaryň goýuluşy: mikroraýonda, etrapda, şäherde. Ýer möçberi we tomaşaçylar üçin gurulýan tribunalrda oturgyçlaryň hasaby (40 ýer 1000 ilat üçin).

**Stadionlar** we olaryň tipleri. Stadion diýlende bir kompleks desgadan ybarat bolupýene-de birnäçe desgalary öz içine alyp – sport ýadrosy ýa-da arenasy tomaşaçylaryň ýeri bilen, meýdan we meýdançalar sportoýunlaryüçin we hem-de başga açyk we ýapyk sport desgalar.

Açyk ýerler ýüzleý desgalar. Sport meýdançalarynyň ölçegleri stadionyň trebunada görünme we seretme hasaplamalary hasabyň başlangyç nokatlary gowy görnüşi çäklendirýän burçlar we şol esasda hasapllama zonalaryň çäkleri. Trebunada hatarlaryň goýuluşy. Tribunalara girelge we çykalga, normatiwler. Stadionyň konstruktiw çözümleri. Ýapyk sport desgalary.

### Sport merkezleri

Sport merkezi (ýa-da stadion) – okuw-türgenleşik işlerini ýa-da sporyň tomusky we gyşky görnüşlerinden bäsleşikleri geçirmäge niýetlenen desgalaryň toplumy. Sport merkeziniň esasy desgasy **stadion** ýagny, tomaşaçylar üçin tribunaly esasy arena bolup durýar. Tomaşaçylaryň sany onuň niýetlenişine görä bolýar.

Häzirki zaman stadionlaryň arenasy futbol meýdançasyndan (104-69m), onuň daşyndaky 400 m uzynlykdaky ýeňil atletika ylgaýyş ýodasyndan we ýeňil atletika bölümçelerinden ybarat.

Öz ölçegleri boýunça stadionlar aşaky toparlara bölünýärler:

**Kiçi stadionlar.** Tribunalary 1500-3000 oturylýan orunly, umumy meýdany 3 ga.

**Ortaça stadionlar.** Tribunalary 3000-10000 oturylýan orunly, umumy meýdany 5-6 ga.

**Uly stadionlar.** Tribunalary 10000-50000 oturylýan orunly, umumy meýdany 15-20 ga.

**Olimpiýa stadionlar.** Tribunalary 50000 we has köp oturylýan orunly, umumy meýdany 25-60 ga.

## Sport howuzlary

Ýapyk sport howuzy ýylyñ dowamynda okuw-türgenleşik we görkezme işlerini üpjün etmeli. Munuñ üçin howuz jaýlarynyñ ýokarlaryny açylýan görnüşde gurnaýarlar. Ýapyk howuzlar jaýlaryñ aşaky toparlaryna bölünýärler: ýüzülýan howuzly zal.

Sportçylara hyzmat ediş otagy (türgenleşik zaly, eşik çalşyrylýan, duş we hajathana, medisina nokady, usuly otag).

Tomaşaçylara hyzmat ediş otaglar (hajathanalar, dükanlar). Dolandyryş hojalyk jaýlar (müdiriýet, hojalyk bölümi, okuw bölümi, kassalar we başg.)

Kömekçi jaýlar (laboratoriýalar, ussahanalar, ammarhanalar).

# Açyk stadionlar.



1. Ýeriň derejesinden aşakdaky tribuna




2. Ýeriň derejesinden ýokardaky tribuna




3. Ýarysy ýeriň derejesinden aşakdaky tribuna




4. Terrasa görnüşli tribuna




5. Dürli gurnamalardan gurnalan tribuna



Orak görnüşli stadionlar.



75000 orunlyk ýerdäki stadion



75000 orunlyk ýerdäki stadion



80000 orunlyk ýerdäki stadion

# Açyk stadionlar tribunalaryň gurnamalary

Gatyşyk gurnamalary tribunalar: demirbeton we ýer.



Meksikanyň 1000 orunlyk täze futbol stadiony.



70.000 orunlyk stadion (Budapeşt)



Barselonadaky 9100 orunlyk stadion



Tribunanyň aşaky giňişligi ulanylmaýan stadion.



Neapolyň 3 gatly stadiony



Kliwlendiň stadiony (gurnamalary ýer we demir)

Stadionyň üstündäki asma örtügi (gerimiň giňligi 330 X 305)



# Açyk we ýapyk howuzlar





Tokio. Merkezi stadionyň ýapyk howuzy






Kowentri. Merkezi ýütülýän howuz






London. Milli sport merkezi "Kristal Palas"





Tokio. 15000 orunlyk tribunaly uly howuz





# Açyk stadionlar.



1. Ýeriň derejesinden aşakdaky tribuna




2. Ýeriň derejesinden ýokardaky tribuna




3. Ýarysy ýeriň derejesinden aşakdaky tribuna




4. Terrasa görnüşli tribuna




5. Dürli gurnamalardan gurnalan tribuna



Orak görnüşli stadionlar.



75000 orunlyk ýerdäki stadion



75000 orunlyk ýerdäki stadion



80000 orunlyk ýerdäki stadion

# Açyk stadionlar tribunalaryň gurnamalary

Gatyşyk gurnamalary tribunalar: demirbeton we ýer.



Meksikanyň 1000 orunlyk täze futbol stadiony.



70.000 orunlyk stadion (Budapeşt)



Barselonadaky 9100 orunlyk stadion



Tribunanyň aşaky giňişligi ulanylmaýan stadion.



Neapolyň 3 gatly stadiony



Kliwlendiň stadiony (gurnamalary ýer we demir)

Stadionyň üstündäki asma örtügi (gerimiň giňligi 330 X 305)



# Açyk we ýapyk howuzlar





Tokio. Merkezi stadionyň ýapyk howuzy






Kowentri. Merkezi ýütülýän howuz






London. Milli sport merkezi “Kristal Palas”





Tokio. 15000 orunlyk tribunaly uly howuz





## Ýapyk sport desgalary

**Sport zallar** we olaryň ölçegi: kiçi gimnastik zal 18x5x5,5 m; basketbol – 30x18x7 m; tennis - 36x18x8 m; el top üçin 43 x 22 x 6m. ýapyk zallar esasan okuw – trenirowka sapaklary üçin ulanylýar. Ýöne tomaşaçylar üçin ýer ýok. Ýapyk zallarda 13 görnüşli sapaklar geçirilýär.

**Sport korpuslar** bu aýratyn duryan jaý bir ýa-da birnäçe zallary bilen we ýene-de muňa garaşly topar otaglar. Munuň ýaly korpuslar köplenç 3-4 zally bolar we ýene-de suwda ýüzülýän basseýni he mbolýar. (Aşgabadyň sport köşgi).

**Maneşler –** bu okuw – türgenlemek üçin ýeňil atletik at sporty we futbol oýunlaryny gyşda geçirmek üçin. Ölçegi 130x36 m, futbol üçin bolsa 104-69 m.

Ýapyk stadionlar bu unerwersal bina, tomaşaçylar üçin tribunalary hem bar. Kiçi arena 18 x 36 m ýa-da 24 x 48 m hokkeý ýa-da kiçi futbol üçin – 65 x 34 m, 73 x 112 m. Iň ulusy 74 x 151 m.

Konstruksiýasy we binagärlik kompozison usullary ýapyk stadionlar köplenç sport köşgi diýip hem atlandyrylýar. Olar şähergurluşyk tarapdan hem uly ähmiýetli, sebäbi bir uly jemgiýetçilik – düwüniniň biri bolup köp ýer tutýar we şäheriň görnükli ýerine ýetirmegi talap edýär.

## 5.Ulag desgalary

**Geçelgeler,** duralgalar. Egerde awtomobil ýöreýän ýollaryň giňligi 25-30 m köp bolsa, onda ýoluň ortasynda adamlara durmak üçin goralan ýer goýýarlar. Köçäniň üstünden geçelgäniň ini gapdalyndaky iki piýada ýollaryň inine deň bolmagy (6 m kiçi däl).

Duralgalaryň arasy adatça awtobusa we trolleýbusa 600 m. Tizlikde gidýän awtobuslaryň we trolleýbuslaryň duralgalarynyň arasy 800-1200 m.

Ýerasty we ýer üsti geçelgeler. Maşynlaryň we piýadalaryň sanyna görä çözülýär. Ýöne ýer üsti geçelgeler örän beýik bolýar: demirýoluň üstünden geçende 7-7.5 m we köçeleriň üstünden geçende – 5.5-6 ybarat bolýar.

**Köçäniň daşyndaky ulag.** Esasy bu metro we demir ýol olaryň ýer asty we ýer üsti desgalary.

**Awtomobil goýulýan meýdançalar.** Olar normatiw hasabynda goýulýar (180-210 ulag 1000 ilaty). Elmydama we wagtlaýyn saklanýan ýerleri.

**Garažlar** ýerastynda bolýar, 1 gatly ýa-da köp gatly garažlar salynýar. Nähili hem bolsa sanyny umumy hasap bilen çykaryp şäher her ýerinde goýulýar. Gazažlar bolýarlar: kiçi (50 duralga çenli), orta (50-300 çenli) we uly (300-den köp).

Wagtlaýyn goýulýan ýerler her hili adminstartiw, tomaşa, wakzallaryň we ş.m. jaýlaryň ýanynda gurulýar. Hasabyny çykarmak üçin ýörite normatiwler ulanylmaly. Munuň ýaly işler haçan şäherleriň obalaryň ýa-da edaralaryň baş ulanyşy işläp çykarlanda ýüze çykýar.





Gatyşyk gurnamalary tribunalar: demirbeton we ýer.















**Awtostansiýalar**

# Köp derejeli garažlar we awtoduralgalar.

## 380 awtomobillik garaž, Frankfurt



1-nji gatyň plany



tipli gatyň plany



kesim

717 ulaglyk garaž (1 gat)
Çikago ABS

kese kesim



planyň shemasy



Parižde, Sena derýasynyň aşagynda garažyň taslamasy







Relýefdäki awtomobil duralgasy

**Meziller –** demir ýol, derýa we deňiş wokzallary we pawilýonlary; awtobus wokzallary aýrowokzaly aýroportda, şäherdäki agenstwalarwe aýrowokzallar.

Goýuluşyna görä – wokzallar ýoluň soňynda ýa-da uzeller hökmünde we ýolorta wokzallar.

Ýolagçylaryň geçiş sanyna görä – kiçi, orta, uly we örä uly wokzallar bolýarlar. Pasažirlaryň görnüşine görä – daşa gitýänler, ýerli ýolagçylar.tranzitler, şäheriň golaýynda we halkara ýolagçylary. Wokzallary şäherde goýma we şähergurluşyk wokzalyň öňündäki meýdanlarwe aýry-aýry meýdançalar (0.25-2.5, 5 ga çenli hem uly ýerli).

**Perronlar** we olaryň görnüşleri, gurama usullary. Wokzallaryň goýulyşyna görä perronlar (tupik) soňky, ada görnüşde, ýa-da kenar.

**Aýromenziller** olaryň goýuluşy, şäher üçin ähmiýeti.

**Sepleşikli wokzallar.** Metro wokzal seplleşikli şäheriň daşyna çykýan demir ýollar bilen. Deňiz porty – demir ýol wokzallary bilen we ş.m.

**Kooperirleşdirilen menziller.**

**Menziller.**

Umumy ýagdaýlar.

Menziller ýolagçylara, ýük daşamaga we başg. niýetlenýärler. Ýolagçy menziller esasan ýolagçylara hyzmat etmäge, bilet we goş operasiýalaryny geçirmäge, ýolagçylaryñ garaşmagyna we dynç almagyna niýetlenýarler.

Ýolagçy menziller ulanylýan ulagynyñ görnüşi, magistralda ýerleşişi, ýolagçy geçirijilik mümkinçilikleri we hyzmat edilýan ýolagçylaryñ kategoriýasy boýunça tapawutlandyrylýarlar.

Magistralda ýerleşişi boýunça ýoluñ gutarýan menzilleri we aralyk menziller bolýar. Ýoluñ gutarýan menzillerinde otlylar düzülýär. Aralyk menziller uly menzilleriñ, portlaryñ we şäherleriñ arasynda bolýarlar.

Menzillerin geçirijilik mümkinçilikleri menziliñ belli bir wagtyñ dowamynda (sagat, gije-gündiz, ýyl) hyzmat edýän adamlarynyñ sany boýunça anyklanylýar. Menzile sygýan adamlaryñ sany 25-den 300-e çenli bolsa kiçi, 300-den 700-e çenli bolsa orta ululykdaky, 700-den 1500-e çenli bolsa uly we 1500-den ýokary bolsa has uly diýip hasaplanylýarlar.

# Howa menzilleri

## Ýönekeý howa menzilleri



kiçi menziliň shemasy



goş
daşary ýurt howa ýollary
ýerli howa ýollar






Howa menziliniň toplumy



Howa menzili toplumynyň shemasy





Bir we köp galereýaly howa menzilleri



Moskwa. Domodedow howa menzili

## 6. Keselhanalar we saglyk öýleri

Keselhanalar we olaryň tipleri. Keselhanalaryň ýerleşişine görä: welaýatyň, şäheriň, etrabyň we oba keselhanasy. Keselhananyň ugry boýunça: köp ugurly, bir ugurly ýa-da ýöriteleşdirlen (tuberkulýoz, psihiatriçeskiýe we başgalar): tiz medesina kömegi.

Keselhanalary taslamalandyryş prinsipleri. Iň esasy mesele olaryň optimal tarapdan göwrüm – giňişlik kompozisiýalaryny tapma we her hili keselhanalaryň tehnologiýa tekliplerini doly ýerine ýetirme.

**Baş meýilnamada** zonalary görkezmeli – bejeriş jaýlar, esasy girelge we çykalgalar, gezme bagy we umumy ösümlikler we abadançylyk işleri. Keselhanalaryň ululygyna görä ýeriniň möçberi hem üýtgeýär – 80-350 $m^2$ bir ýatylýan ýer üçin.

**Keselhanalaryň düzülişi** – 10 bölümden ybarat bolup – kabulhana, çykarm, näsaglaň jaýy bejeriş – diagnostika bölümi, labaratoriýa, merkezi arassalaýyş bölüm, dermanhana, nahar bişirýän bölüm, patalog – anatomiýa bölümi, adminstratiw – hojalyk bölümi we kir ýuwulýan.

**Keselhanalaryň ululygy –** 100-3000 ýerli: kiçi we ortasy (300-400 ýerli) hemme bölümi bir jaýa goýulýar, ýöne hojalyk bölümi aýratyn bolmaly. meýilleşdirlende şunuň ýaly bloklara bölünýär: ýatylýan, bejeriş – diagnostika we hojalyk. Her bir bölümler biri-biriniň içinden geçmeli däl.

**Saglyk öýleri (polikliniki).**

Ululygy 100-200-den – 1000-1500 çenli adam kabul edýär bir günde. Saglyk öýleriniň taslamalaryna teklipler edil keselhanalaryň taslamalanşy ýalydyr.

Ilkinji sanatoriýalaryň we dynç öýleriň taslamalary we olaryň aýratynlyklary. Soňra bolsa aýry – aýry eke täk öýleriň ýerine olaryň uly komplekslerini düzme.

**Sanatoriýalar** – bu esasy saglygy bejeriş edara. Keselhanada tapawutlanýan ýagdaý, sanatoriýalara köplenç tebigy bejeriş güýçlerini ulanylýar (güniň täsiri, mineral suwlar bilen, palçyklar we ş.m.)

**Çagalar sanatoriýasy.**

Sanatoriýalar 500-1000 ýere çenli – 150-125 $m^2$ ýer bir orun üçin.

Sanatoriýanyň bölümleri: kabul edilýän giriş jaýlar (westibýul), ýatylýan jaýlar (1 orunly otag 9 $m^2$ we 2 orunly – 12-16 $m^2$); bejeriş – diagnostika jaýlary,naharhana, iýmit taýynlaýan bölüm we medeni.

Binagärlik we kompozision meýilleşdirme usullary we kadalar. Senagat kärhanalaryna garaşly jaýlar we otaglar.

Garaşly bölekleriň görnüşleri senagat kärhanalarynda dynç alyş otaglary gurnama senagatyň giriş baş meýdançasy .

Işçilere hyzmat etme desgalar. Jaýlaryň özbaşdak görnüşleri, kompozision tarapdan gözümleri. Senagat – skladlary.

Adminstratiw – hyzmat jaýlarynyň goýuluşy, olaryň plany we iç serişdeleri.

**Ambarlar.** Umumy düşündiriş. Şäherde goýluşy tehnologiýasy. Göwrüm meýilleşdiriş we konstruktiň usullary. Ambaryň taslamasy.

**Buzhanalar** (holodilnikler), we şäher ambarlary. Sehagat jaýlaryny we senagat etraplaryny ýerleşdirmek, senagat etraplaryny täzeleme düzgünleri.

## Edebiýat


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhanmedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň "Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertleirni özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin" Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. "Türkmenistanyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasy. "Türkmenistan" gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. "Türkmenisatnyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy". Aşgabat, 2006.
10. Архитектурное проектирование общественных зданий. М.: 1985.
11. Архитектурное проектирование жилых зданий. М.: 1990.
12. Архитектурное проектирование промышленных предприятий 1984.

# Mazmuny

Bölüm 1. Ýaşaýyş jaýlary........................................................................7
Ýaşaýyş jaýlaryň kiassifikasiýasy..................................................................9
Ýaşaýyş guramaň görnüşleri........................................................................12
Ýaşaýyş jaý taslamasynyň esaslary..............................................................19
Ýaşaýyş jaýlaryň taslamasyna täsir edýän faktorlar.......................................25
Azgatly ýaşaýyş jaýlaryň binagärligi..............................................................28
Hatarlanan öýler..........................................................................................36
Köpgatly liftsiz ýaşaýyş jaýlaryň binagärligi .................................................46
Köpgatly liftli ýaşaýyş jaýlar.........................................................................58
Şähergurluşyk şertleri we toparlary...............................................................58
Bölüm 2. 1.Mekdebe çenli okuw – tejribe jaýlary...........................................66
Umumy bilim mekdepleri...............................................................................70
Göwrüm meýilleşdiriliş we konstruktiw çözgütler..........................................73
Tomaşa binalary...........................................................................................79
Kinoteatrlar we klublar..................................................................................79
Teatryň we konsert binalary...........................................................................80
Konsert zallar................................................................................................82
Teatryň sahnasy we tomaşa zaly...................................................................84
Söwda – hyzmat jaýlary bazarlar...................................................................85
Jemgyýetçilik iýmitlendiriş kärhanalary..........................................................88
Sport binalary we desgalary..........................................................................92
Ýapyk sport desgalary.................................................................................100
Ulag desgalar we menziller..........................................................................103
Keselhanalar we saglyk öýleri......................................................................105
Edebiýat......................................................................................................106